# TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOW:
## – UZAK BOLMADYK DÖWÜRDE EZIZ WATANYMYZYŇ IŇ TÄZE TARYHYNA ŞAN-ŞÖHRATLY SAHYPALAR ÝAZYLYP, BITARAP ÝURDUMYZ DÜNÝÄDE YGTYBARLY HYZMATDAŞA, PARAHATÇYLYGYŇ MERKEZINE ÖWRÜLDI.


ZAMAN
INTERNATIONAL MEDIA
TÜRKMENISTAN
26-njy dekabr, 2025. Belgisi 52/1670




# TÜRKMENISTAN 2026-njy ÝYLDA GDA-da BAŞLYKLYK EDER

***22-nji dekabrda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Russiýa Federasiýasyna iş saparynyň çäklerinde Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygyna gatnaşyjy ýurtlaryň döwlet Baştutanlarynyň ýokary derejeli resmi däl duşuşygyna gatnaşdy.***

Hemişelik Bitarap Türkmenistan Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygynyň assosirlenen agzasy bolmak bilen, Arkalaşygyň çäklerinde giň möçberli energetika we logistika taslamalaryny durmuşa geçirip, özara bähbitli ykdysady hyzmatdaşlygy pugtalandyrýar. Ýurdumyz GDA-nyň giňişliginde ulag-kommunikasiýa arabaglanyşygyna aýratyn üns berýär. Bütindünýä durnukly ulag gününi yglan etmek baradaky başlangyjy öňe süren ýurt hökmünde Türkmenistan Arkalaşygyň ýurtlarynyň çäklerinden geçýän Demirgazyk – Günorta, Gündogar – Günbatar ulag geçelgelerini ösdürmek ugrunda çykyş edýär. Türkmenistanyň Hazar deňzi sebitini kuwwatly ulag merkezine öwürmek boýunça başlangyçlary dostlukly döwletleriň arasynda söwda gatnaşyklaryny pugtalandyrmaga, harytlary Günorta Aziýanyň we Ýewropanyň bazarlaryna çykarmaga ýardam berýär.

Ynsanperwer we ekologiýa ulgamlary hem Türkmenistanyň GDA-nyň çäklerindäki gün tertibinde möhüm orny eýeleýär. Ýurdumyz Aral meselesini çözmäge işjeň gatnaşyp, «ýaşyl» diplomatiýa, howanyň üýtgemegine uýgunlaşmak bilen bagly başlangyçlary öňe sürýär. Türkmenistanyň şäherleriniň birnäçe gezek «Arkalaşygyň medeni paýtagty» diýlip yglan edilmegi bolsa Türkmenistanyň özara hormat goýmak, umumy taryhy mirasy gorap saklamak arkaly halklaryň arasyndaky dostlugy pugtalandyrýandygyny, medeniýetara dialoga açykdygyny görkezýär.

Türkmenistan bilen Russiýa Federasiýasynyň arasyndaky gatnaşyklar özara hormat goýmak we köpasyrlyk dostluk ýörelgelerine esaslanýan strategik hyzmatdaşlygyň aýdyň nusgasydyr. Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygynyň 30 ýyllygy dabaraly bellenilýän 2025-nji ýylda ikitaraplaýyn dialog hil taýdan täze derejä çykaryldy. Halkara parahatçylyk we ynanyşmak forumyna gatnaşmak maksady bilen, Russiýanyň Prezidenti Wladimir Putiniň ýurdumyza amala aşyran sapary iki ýurduň hem özara hyzmatdaşlygy çuňlaşdyrmaga ygrarlydygyny tassyklan ähmiýetli waka boldy.

Söwda-ykdysady ulgam ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygyň binýady bolup çykyş edýär. Häzirki wagtda özara haryt dolanyşygynyň yzygiderli artmagy munuň aýdyň mysalydyr. Ulag-logistika hyzmatdaşlygy hem strategik ähmiýete eýe. Demirgazyk – Günorta halkara ulag geçelgesiniň ugrunda ýerleşýän ýurdumyz bu günki gün Ýewraziýanyň üstaşyr ulag merkezine öwrülýär. Demir ýol infrastrukturasyny ösdürmek, logistikany sanlylaşdyrmak, Türkmenbaşy Halkara deňiz portunyň kuwwatlyklaryny giňeltmek boýunça bilelikdäki tagallalar GDA ýurtlaryna Hind ummany we Pars aýlagy ýurtlarynyň bazarlaryna çykmaga mümkinçilik berýär. Bu hyzmatdaşlyk sebitiň geografik artykmaçlyklaryny ykdysady abadançylygyň anyk guralyna öwürýär. Ynsanperwer ulgamdaky hyzmatdaşlyk iki ýurduň halklaryny birleşdirýän köpri bolup hyzmat edýär. Şunda ylym we bilim ulgamlaryna aýratyn orun degişlidir.

Türkmenistan bilen Russiýanyň arasyndaky syýasy hyzmatdaşlyk ynanyşmagyň ýokary derejesi bilen tapawutlanýar. Russiýa Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplyk syýasatyny yzygiderli goldap, onuň Merkezi Aziýada durnuklylygy pugtalandyrmagyň esasy şerti hökmünde eýeleýän möhüm ornuny ykrar edýär.

Hormatly Prezidentimiz GDA gatnaşyjy ýurtlaryň döwlet Baştutanlarynyň ýokary derejeli resmi däl duşuşygynyň geçirilýän ýerine – Döwlet «Ermitaž» muzeýine geldi. Bu ýerde hormatly Prezidentimizi Russiýa Federasiýasynyň Prezidenti Wladimir Putin mähirli garşylady. Sammitiň öňüsyrasynda oňa gatnaşýan döwlet Baştutanlary «Ermitaž» muzeýine aýlanyp gördüler.

Muzeý bilen tanyşlyk tamamlanandan soňra, GDA gatnaşyjy ýurtlaryň döwlet Baştutanlarynyň ýokary derejeli resmi däl duşuşygy geçirildi. RF-niň Prezidenti Wladimir Putin duşuşygy açyp, oňa gatnaşyjylary ýene-de bir gezek mähirli mübärekledi hem-de resmi däl sammite gatnaşmak üçin Sankt-Peterburga gelmäge çakylygy kabul edendikleri üçin hemmelere hoşallyk bildirdi.

Sammitiň dowamynda şu ýyl Arkalaşygyň çäklerinde ýerine ýetirilen işleriň netijelerine syn berildi, hyzmatdaşlygyň ileri tutulýan ugurlary hem-de geljek üçin wezipeler kesgitlenildi. Ykdysady hyzmatdaşlygyň oňyn görkezijileri kanagatlanma bilen bellenildi. Şeýle hem sebit we ählumumy gün tertibiniň möhüm meseleleri boýunça pikir alşyldy. Prezident Wladimir Putin 2026-njy ýylda Türkmenistanyň GDA-da başlyklyk etmegi mynasybetli döwlet Baştutanymyzy gutlady we üstünlikleri arzuw etdi.

Arkalaşygyň ýurtlarynyň hoşmeýilli erke, özara hormat goýmaga, ynanyşmaga esaslanýan deňhukukly özara bähbitli hyzmatdaşlyga üýtgewsiz ygrarlydyklary nygtaldy. Şu gezekki duşuşyk hem GDA ýurtlarynyň netijeli hyzmatdaşlygy häzirki döwrüň talaplaryna laýyk gelýän täze derejä çykarmagy maksat edinýändikleriniň güwäsidir. Russiýa Federasiýasynyň Prezidenti mümkinçilikden peýdalanyp, GDA gatnaşyjy ýurtlaryň ähli raýatlaryna ýetip gelýän Täze ýyl baýramy mynasybetli tüýs ýürekden gutlaglaryny we iň gowy arzuwlaryny beýan etdi.

Bu ýerde belent mertebeli myhmanlaryň hormatyna Russiýa Federasiýasynyň Prezidentiniň adyndan resmi däl günortanlyk nahary berildi. Şeýle hem döwlet Baştutanlary «Ermitaž» muzeýinde konserte tomaşa etdiler.

Şeýlelikde, hormatly Prezidentimiziň Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygyna gatnaşyjy ýurtlaryň döwlet Baştutanlarynyň ýokary derejeli resmi däl duşuşygyna gatnaşmagy ýurdumyzyň açyk we özara hormat goýmak dialogyna ygrarlydygynyň nobatdaky aýdyň beýany boldy. Resmi däl görnüşde geçen sammit tamamlanyp barýan ýylyň jemlerini jemlemek bilen bir hatarda, dürli ulgamlarda bilelikdäki täze başlangyçlar üçin binýat goýmaga hem mümkinçilik berdi. GDA-nyň assosirlenen agzasy hökmünde Türkmenistan üçin şeýle meýdança sebitde parahatçylyk döredijilikli başlangyçlary ilerletmekde möhüm gural bolup durýar.

## Ulag-kommunikasiýa ulgamy ösdürilýär

**Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplyk hukuk derejesine eýe bolmagynyň 30 ýyllygyna hem-de BMG-niň esaslandyrylmagynyň 80 ýyllygyna beslenen 2025-nji ýylda ýurdumyz Durnukly ösüş maksatlaryny ilerletmek boýunça toplumlaýyn hyzmatdaşlyk strategiýasyny işjeňleşdirmegi öňe sürdi. Şunda energetika geçişi we ulag arabaglanyşygy ýaly ileri tutulýan ugurlaryň durmuşa geçirilmegine möhüm ähmiýet berildi. Muňa Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynyň dowamynda alnyp barlan işleriň mysalynda hem göz ýetirmek bolýar. Ulag meseleleri BMG-niň aýratyn iş ugry hökmünde onuň gün tertibinde hemişelik orny eýelemelidir. Türkmenistanyň bu ugurdaky syýasaty ulag meseleleri boýunça gepleşiklere ulgamlaýyn we yzygiderli häsiýet bermäge gönükdirilendir.**



**Dünýä ykdysadyýetinde ýüze çykýan häzirki zaman meýilleriniň seljermesi ulag-kommunikasiýa ulgamynyň ösdürilmeginiň has möhüm ähmiýete eýe bolýandygyny görkezýär. Üstaşyr ulag gatnawlaryny amatly ýagdaýa getirmek, çig maly we taýýar önümleri daşamagyň döwrebap üpjünçilik ulgamyny gurmak, esasan-da, deňiz terminallaryna göni çykalgasy bolmadyk döwletler üçin birleşdiriji şerte öwrülýär.** 2

## Milli ykdysadyýetiň möhüm pudagy

Şu ýyl şanly 30 ýyllygy giňden bellenilen Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygy döredijilik we ösüş ýoluny saýlap alan berkarar Watanymyzyň durmuş-ykdysady taýdan kuwwatly döwlete öwrülmeginiň binýadyny goýdy. Öňdengörüjilikli strategiýa, giň gerimli halkara hyzmatdaşlyga ygrarlylyk hem-de yzygiderli amala aşyrylýan özgertmeler jemi içerki önümiň ösüş depgininiň, senagat önümlerini öndürmegiň we daşary söwda dolanyşygynyň möçberiniň ýokary derejesini üpjün etmegiň möhüm şertine öwrüldi.



Söwda we telekeçilik ulgamyny ösdürmek halkymyzyň durmuş abadançylygynyň derejesini ýokarlandyrmaga, Diýarymyzyň azyk bolçulygyny pugtalandyrmaga gönükdirilen ykdysady syýasatyň esasy ugurlarynyň biridir. Bu ulgamdaky özgertmeler ýurdumyzda amala aşyrylýan giň gerimli durmuş-ykdysady maksatnamalaryň, bazar gatnaşyklarynyň ýokary netijelere beslenýändigini aýdyň görkezýär. Söwda ulgamy milli ykdysadyýetiň möhüm bölegi bolmak bilen, býujete gelýän salgytlaryň düýpli artmagyny üpjün edip, döwletiň maliýe taýdan durnukly ösmegine ýardam berýär. Bu ugur kiçi telekeçilikde kärhanalaryň mukdary boýunça hem, zähmet çekýän adamlaryň sany babatda hem öňdäki orny eýeleýär. 2

## «Hakyda göwheri» – doganlyk gatnaşyklarynyň gymmatly göwheri

***Ynsanperwerlige, bagtyýarlyga, ruhubelentlige beslenýän döwrümizde Gahryman Arkadagymyzyň başlangyçlaryny Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň mynasyp dowam etdirmeginde dünýä döwletleri bilen dost-doganlyk gatnaşyklary has-da pugtalanýar.***




Ýakynda Gahryman Arkadagymyzyň «Hakyda göwheri» atly kitabynyň azerbaýjan dilindäki neşiriniň tanyşdyrylyş dabarasy boldy. Dabarada Azerbaýjan Respublikasynyň Türkmenistandaky Adatdan daşary we Doly ygtyýarly ilçisi Gismat Gozalowyň eden çykyşynda bellenilişi ýaly, bu eser diňe bir türkmen halkynyň däl, eýsem, bütin türki dünýäniň ruhy hazynasyna öwrülen paýhas nusgalaryny özünde jemleýär. Şeýle eseriň tanyşdyrylmagy onuň diňe bir edebi we ylmy ugurlarda däl, eýsem, Azerbaýjanyň hem-de Türkmenistanyň halklarynyň arasynda asyrlaryň dowamynda berk taryhy we medeni baglanyşygyň ähmiýetini hem aýdyň ýüze çykarýar. Ilçi şeýle baý mirasy gorap saklamakda, ony geljek nesillere ýetirmekde Milli Liderimiziň taýsyz tagallalarynyň hem-de başlangyçlarynyň aýratyn ähmiýete eýedigini nygtady.

«Dostluk» düşünjesi irki wagtdan bäri türkmen jemgyýetinde giňden ýaýran düşünjeleriň biridir. Munuň şeýledigine Gahryman Arkadagymyzyň «Hakyda göwheri» atly ylmy-filosofik eserini okanymyzda hem aýdyň göz ýetirýäris. Bu kitapda: «Oguz il-ulsunyň dünýäniň çar künjünde döwlet gurup, dostlukly gatnaşyklary ýola goýmagyň aladasynda bolmagynyň özi, türkmençiligi açyp görkezmegiň asyl binýadydyr» diýlip bellenilmegi, halkymyzyň dostlukly gatnaşyklarynyň taryhy kökleriniň uzak geçmişi nazarlaýandygyny görkezýär. 2

## Ýurdumyzyň durmuş syýasaty dabaralanýar

***Türkmenistanyň başlangyjy bilen «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly» diýlip yglan edilen, Watanymyzyň hemişelik Bitaraplygynyň 30 ýyllygyna beslenen ýylda döredijilik we ösüş ýoly bilen ynamly öňe barýan ýurdumyzda halkymyzyň agzybirligine daýanyp, ägirt uly sepgitlere ýetilýär.***



Sebitlerde türkmenistanlylaryň ýaşaýşy we döredijilikli zähmet çekmegi üçin has amatly şertleriň üpjün edilmegini göz öňünde tutýan döwrebap durmuş-ykdysady düzümleriň kemala getirilmegine uly möçberli maýa goýumlar gönükdirilýär. Diýarymyzyň dürli künjeklerinde gurlan, durmuş düzüminiň, adamlaryň oňaýly ýaşaýşynyň, ýanaşyk ýerleriň abadanlaşdyrylmagynyň ýokary ölçeglerini özünde jemleýän täze, döwrebap obalar hem munuň aýdyň mysalydyr.

Ýurdumyzyň Garaşsyzlygynyň 34 ýyllygynyň hem-de hemişelik Bitaraplygynyň giňden bellenilen ýylynda iri önümçilik we durmuş maksatly desgalaryň dabaraly açylmagy bilen birlikde, täze obalaryň gurulmagy halkymyz üçin ajaýyp sowgat boldy. Ahal welaýatynyň Ak bugdaý etrabynyň Döwletli mekan, Kaka etrabynyň Bagtly zamana obalary hem-de Daşoguz welaýatynyň Köneürgenç etrabynyň Bitaraplyk şäherçesi şu ýylyň sentýabr aýynda ulanmaga berlip, olar iri gurluşyklaryň hataryndadyr. Bu obalarda we şäherçede döwrebap ýaşaýyş jaýlary guruldy. Olaryň taslamalary işlenip düzülende oba ýaşaýjylary üçin ähli amatlyklardyr zerurlyklar göz öňünde tutulypdyr. Her bir öýde hojalyk maksatly mellek hem-de ulag üçin ýerler, döwrebap inženerçilik ulgamlary bar. Öýleriň otaglarydyr aşhanasy milli we döwrebap usulda bezelip, ýokary hilli mebeller bilen üpjün edilipdir. 2


## 2025-nji ýylyň iň girdejili kompaniýalary

2025-nji ýyl üçin dünýäniň iň girdejili kompaniýalarynyň sanawy esasy girdeji çeşmeleriniň ozalkylar ýaly tehnologiýa, maliýe we energiýa pudaklarynda jemlenýändigini görkezýär. 3

## Gardan we buzdan ýasalan sungat şäheri

17-nji dekabrda Hytaýyň Harbin şäherinde dünýädäki iň uly gar we buz festiwaly açyldy. Dünýäniň dürli künjeginden syýahatçylary kabul edýän festiwal fewral aýynyň ortalaryna çenli dowam edýär. 4

## «Arkadag» topary 1/8 finala çykdy

Aziýa futbol konfederasiýasynyň klublarynyň arasyndaky 2-nji derejeli ýaryşy bolan AFK Çempionlar Ligasy 2 bäsleşiginde ýurdumyzyň çempiony «Arkadag» topary uly başarnyk görkezdi. 5




# «AWAZA» MILLI SYÝAHATÇYLYK ZOLAGY HALKARA ÇÄRELERIŇ GEÇIRILÝÄN KÜNJEGINE ÖWRÜLÝÄR

**24-nji dekabrda türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow Balkan welaýatyna iş saparyny amala aşyrdy. Gahryman Arkadagymyz saparynyň dowamynda hormatly Prezidentimiziň rowaçlyklara beslenýän daşary syýasat strategiýasy netijesinde 2026-njy ýylda ýurdumyzda geçiriljek halkara çäreleri ýokary derejede guramak boýunça meseleler bilen gyzyklandy we halkara çäreleriň guramaçylyk derejesine degişli taslamalar bilen tanyşdy.**

Gahryman Arkadagymyz täze ýylda Hazaryň kenarynda meýilleşdirilen halkara çäreleriň geçiriljek toplumynyň ýanaşyk ýerleriniň abadanlaşdyrylyşy, onuň girelgesiniň döwrebaplygy bilen tanşyp, degişli ýolbaşçylara öz maslahatlaryny berdi.

Soňra Gahryman Arkadagymyz binanyň içine girip, onuň enjamlaşdyrylyş derejesi, meýilleşdirilen halkara çäreleriň geçiriljek ýerleri bilen tanyşdy hem-de ýokary derejeli myhmanlaryň kabul ediljek ýerinde döredilýän şertleriň ýokary halkara ülňülere doly laýyk gelmelidigini belledi. Şunda täzeçil usullaryň we sanly ulgamyň mümkinçilikleriniň ulanylmagyna zerur üns berilmelidir. 2026-njy ýylda geçirilmegi göz öňünde tutulýan halkara çäreleriň ýokary guramaçylyk derejesiniň üpjün edilmegi, oňa taýýarlygyň çäklerinde dünýäniň öňdebaryjy tejribeleriniň we innowasion tehnologiýalaryň peýdalanylmagy möhüm wezipe hökmünde kesgitlenendir. Şunuň bilen baglylykda, bu ugurda alnyp barylýan taýýarlyk işleriniň depginini güýçlendirmek zerurdyr.

Milli Liderimiz toplumyň giň möçberli maslahatlaryň geçiriljek ýerine geldi. Bu ýerde meýilleşdirilen halkara maslahatlaryň we forumlaryň ýokary guramaçylyk derejesi üpjün edilmelidir. Şunda binanyň içki bezeg işlerine, reňkleriň sazlaşygyna, onuň ýşyklandyryş ulgamyna wajyp ähmiýet berilmelidir diýip, Gahryman Arkadagymyz nygtady hem-de bu babatda maslahatlaryny berdi. Hormatly Prezidentimiziň tabşyrygyna laýyklykda, bu ýerde döredilen mümkinçiliklerde we şertlerde ýurdumyzyň sanly tehnologiýalary özleşdirmekde ýeten derejesiniň öz beýanyny tapmalydygyny aýdyp, Halk Maslahatynyň Başlygy bu toplumda ýokary tizlikli internet ulgamynyň, aragatnaşyk serişdeleriniň netijeli işiniň ýola goýulmalydygyna ünsi çekdi.

Soňra Gahryman Arkadagymyza toplumda alnyp barylýan döwrebaplaşdyryş we bezeg işlerine degişli taslamalar, ulanylýan gurluşyk serişdeleriniň görnüşleri görkezildi. Degişli ýolbaşçylar 2026-njy ýylda Hazaryň kenarynda halkara forumyň geçiriljek binasynyň ýerleşýän ýeriniň meýilnamasy, onuň bölümleriniň, mejlisler zalynyň teklip edilýän bezeg işleri, ýşyklandyryş ulgamynyň görnüşleri barada giňişleýin maglumat berdiler.

Bellenilişi ýaly, taýýarlyk we bezeg işleri taýýarlanylan meýilnama laýyklykda alnyp barlar. Şunda häzirki zamanyň ösen tejribesi, täzeçil tehnologiýalar netijeli ulanylar. Bu ýerde meýilleşdirilen işler ýurdumyzyň gurluşyk boýunça iş alyp barýan telekeçilerine ynanyldy. Gahryman Arkadagymyz häzirki döwürde türkmen telekeçileriniň, ähli ugurlarda bolşy ýaly, gurluşyk ulgamynda we binalaryň içki bezeginde-de işjeňlik görkezýändiklerini nygtap, meýilleşdirilen ähli işleriň ýokary hilli, kesgitlenen möhletlerde ýerine ýetirilmeginiň wajyp wezipe bolup durýandygyna ünsi çekdi. Mälim bolşy ýaly, halkara çärelere görülýän taýýarlyk işleriniň ählisi hormatly Prezidentimiziň yzygiderli gözegçiliginde saklanylýar diýip, Milli Liderimiz aýtdy we bu işlere dahylly düzümleriň sazlaşykly işiniň üpjün edilmelidigini belledi.

Gahryman Arkadagymyz öňde boljak halkara forumyň çäklerinde toplumyň çägindäki halkara derejeli sergileriň geçiriljek künjeginde alnyp barylýan işler bilen hem tanyşdy. Milli Liderimiz guraljak halkara sergide halkymyzyň taryhyň dowamynda döreden milli gymmatlyklarynyň öz beýanyny tapmalydygyny aýdyp, degişli ýolbaşçylara maslahatlaryny berdi.

Soňra Gahryman Arkadagymyz dikuçarda «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynyň ýokarsyndan öwrüm edip, bu ýerde alnyp barylýan işler, Hazaryň kenarynyň tebigy aýratynlyklaryny we öz çägini giňeldýän syýahatçylyk zolagynyň täze binalary, ýerine ýetirilýän gurluşyk işleri bilen tanyşdy.

Soňky ýyllarda Hazaryň kenarynda giň gerimli halkara çäreler yzygiderli guralýar. Munuň özi häzirki döwrüň möhüm meselelerini ara alyp maslahatlaşmak, sebitara hem-de halkara hyzmatdaşlygy pugtalandyrmak ýaly meseleleri öz içine alýan we degişli çözgütleri kabul etmäge ukyply forumlaryň uly ähmiýete eýedigini görkezýär. Şunuň bilen baglylykda, Hazaryň kenarynda düýpli özgertmeler üstünlikli durmuşa geçirilýär. Bu bolsa ykdysadyýetimiziň we jemgyýetiň sazlaşykly ösüşine gönükdirilen başlangyçlaryň öňe sürülmegini şertlendirýär. Şunda Hazaryň kenarynyň ekologik ýagdaýyna döwlet derejesinde ähmiýet berilýändigini bellemek gerek.

Häzirki döwürde hormatly Prezidentimiziň gatnaşmagynda gurluşygyna badalga berlen Türkmenbaşy – Garabogaz – Gazagystanyň serhedi awtomobil ýolunyň gurluşygy batly depginde dowam edýär. Milli Liderimiz dikuçardan halkara ulag geçelgesiniň gurluşygynda alnyp barylýan işleri synlady. Ýurdumyzda kesgitlenen wezipelere laýyklykda, ýollaryň gurluşygy häzirki zamanyň ösen tejribeleri we täzeçil usullar esasynda alnyp barylýar. Bu bolsa ýol gurluşygynyň ýokary hil derejesiniň üpjün edilmegini şertlendirýär. Şeýlelikde, ýurdumyzyň dürli künjeklerinde bolşy ýaly, Balkan welaýatynyň çäklerinde-de döwrüň talaplaryna we ýokary halkara görkezijilere doly laýyk gelýän ýollaryň gurluşygyna döwlet derejesinde ähmiýet berilýär.

Soňra Gahryman Arkadagymyz Awazanyň önümçilik toplumlaryny synlady. Şunda Awazanyň ýokary kuwwatly elektrik bekediniň sazlaşykly işiniň ýola goýulmagy Hazar deňziniň kenaryndaky önümçilikleriň, şypahana düzümleriniň, myhmanhanalaryň, ýaşaýyş jaýlarynyň elektrik energiýasy bilen bökdençsiz üpjün edilmeginiň baş şertini emele getirýär.

Ýurdumyzyň ähli welaýatlary bilen bir hatarda, Balkan welaýatynyň önümçilik toplumlarynda alnyp barylýan işleriň hem depgini barha ýokarlanýar. Şunuň bilen baglylykda, hormatly Prezidentimiziň yzygiderli tagallasy netijesinde himiýa senagatynyň işi kämilleşdirilýär. Gahryman Arkadagymyzyň Balkan welaýatyna şu gezekki iş saparynda «Garabogazkarbamid» zawodynyň işiniň talabalaýyk alnyp barylmagy bilen baglanyşykly meselelere hem üns berildi.

Häzirki wagtda «Garabogazkarbamid» kärhanasynda önümçiligiň depginini ýokarlandyrmak, kärhananyň eksport mümkinçiliklerini artdyrmak boýunça toplumlaýyn işler amala aşyrylýar. Şeýle hem Türkmenbaşy Halkara deňiz portunyň ähli düzümlerinde ýyllyk meýilnamany üstünlikli ýerine ýetirmek ugrunda tagalla edilýär. Ýurdumyzyň halkara ulag geçelgesi hökmünde ykrar edilen deňiz portunyň işi häzirki zaman talaplaryna laýyk derejede alnyp barylýar. Portuň ähli düzümleriniň sazlaşykly işiniň üpjün edilmegi halkara ýükleri daşamak we ýolagçy gatnatmak boýunça kesgitlenen wezipeleriň üstünlikli amala aşyrylmagyny şertlendirýär. Portuň işine ösen tejribeler, sanly tehnologiýalar işjeň ornaşdyrylýar. Bu bolsa ýerine ýetirilýän işleriň talabalaýyk bolmagyny we ýurdumyzda halkara hyzmatdaşlygyň ösüşiň täze derejesine çykmagyny üpjün edýär. Şunuň bilen baglylykda, deňiz portunda alnyp barylýan işleriň depginini ýokarlandyrmak, halkara ulag geçelgesiniň işini kämilleşdirmek boýunça hormatly Prezidentimiziň beren tabşyryklaryny üstünlikli durmuşa geçirmek bilen bagly işler oňyn netijesini berýär.

## Milli ykdysadyýetiň möhüm pudagy

Başlangyjy 1-nji sahypada.
Şu ýylyň on bir aýynda alnyp barlan işleriň netijelerine görä, Söwda we daşary ykdysady aragatnaşyklar ministrligi boýunça söwda dolanyşygynyň ösüş depgini, geçen ýylyň degişli döwri bilen deňeşdirilende, 119,3 göterime, öndürilen önümleriň ösüş depgini 100,4 göterime barabar boldy. Dokma senagaty ministrligi boýunça önüm öndürmekde, geçen ýylyň degişli döwri bilen deňeşdirilende, 106 göterim, şol sanda nah ýüplügiň önümçiliginde 113 göterim, nah matalaryňkyda 117,9 göterim, gön önümleriniňkide 117,1 göterim ösüş depgini gazanyldy. «Türkmenhaly» döwlet birleşigi boýunça önüm öndür-



megiň meýilnamasy 100 göterim ýerine ýetirildi. Döwlet haryt-çig mal biržasy tarapyndan 275 birža söwdasy geçirilip, olarda 27 müň 29 şertnama hasaba alyndy. Şu ýylyň ýanwar – noýabr aýlarynda Söwda-senagat edarasy boýunça ýerine ýetirilen işleriň ösüş depgini 105,8 göterime barabar boldy. Bu döwürde 20 sergi, 9 maslahat geçirildi. Senagatçylar we telekeçiler birleşmesi boýunça oba hojalyk we azyk önümlerini öndürmegiň ösüş depgini 105,5 göterime, senagat önümlerini öndürmegiň ösüş depgini 104,7 göterime deň boldy.

Diýarymyzda söwda ulgamyny mundan beýläk-de kämilleşdirmegi we döwrebaplaşdyrmagy, ýokary hilli, ekologik taýdan arassa, bäsdeşlige ukyply dokma we haly önümlerini, hususy önüm öndürijileriň dürli görnüşli harytlaryny dünýä bazarlaryna çykarmagy, özara bähbitli hyzmatdaşlygy ösdürmegi ugur edinýän giň gerimli işler alnyp barylýar. Häzirki döwürde ýokary hilli, ekologik taýdan arassa «Gala», «Ýeňiş», «Goza», «Wada», «Nusaý», «Bedew», «Bürgüt», «Akpamyk», «Merw», «Jeýtun», «Mäne» ýaly haryt nyşanly dokma önümlerine içerki we daşarky bazarlarda uly isleg bildirilýär.

Senagat we oba hojalyk pudaklaryny ösdürmek, daşyndan getirilýän harytlaryň ornuny tutýan eksport ugurly önümleri öndürmek, ykdysadyýetiň hususy bölegini, kiçi we orta telekeçiligi hemmetaraplaýyn goldamak boýunça işleriň durmuşa geçirilmegi netijesinde ýurdumyzda öndürilýän harytlaryň möçberi we gerimi düýpli artdy. Aşgabat, Arkadag şäherlerinde, ýurdumyzyň sebitlerinde gurlan döwrebap söwda merkezleri, dükanlar, bazarlar, jemgyýetçilik iýmiti kärhanalary alyjylara ýokary hilli hyzmatlary hödürleýär.

Aşgabatda döwlet söwda kärhanalaryny sanlylaşdyrmakda meýilnamalaryň durmuşa geçirilmeginde Söwda we daşary ykdysady aragatnaşyklar ministrliginiň «Kompýuter tehnologiýalary merkezi» tarapyndan esaslandyrylan «Agzybirlik tilsimaty» kärhanasynyň hünärmenleri «Hengsheng Lianhua Investment Management Co., Ltd.» hem-de «Tongfang Hongkong Limited» ýaly öňdebaryjy hytaý kompaniýalary bilen bilelikde işleýärler. «Agzybirlik tilsimaty» haryt nyşany bilen öndürilýän enjamlar, şol sanda sensor ekranly kompýuterler, çek-printerler, ştrih-kod printerleri, skanerler söwdanyň guralyşyna awtomatik ýagdaýda gözegçilik etmäge mümkinçilik berýär.

Hormatly Prezidentimiziň Özbegistan Respublikasyna amala aşyran döwlet saparynyň maksatnamasynyň çäklerinde tükrmen-özbek serhetýaka söwda merkeziniň açylmagy hem söwda we telekeçilik ulgamynyň ösüşine uly itergi berdi.

**Aýlar ABAÝEWA,**
*Halkara senagatçylar we telekeçiler uniwersitetiniň talyby.*

## Halkymyzyň saglygy – jemgyýetiň gymmatlygy

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ýurdumyzyň saglygy goraýyş, bilim we sport ulgamlary uly ösüşleri başdan geçirýär. Dünýäniň öňdebaryjy ugurdaş merkezleri bilen hyzmatdaşlykda düýpli özgertmeler amala aşyrylyp, häzirki zaman tejribeleri işjeň durmuşa ornaşdyrylýar. Şoňa görä-de, Garaşsyz döwletimiziň berk binýatly milli saglygy goraýyş, bilim we sport ulgamlary kemala getirildi.

Jemgyýetimiziň we döwletimiziň iň ýokary gymmatlygy bolan adamyň saglygyny goramak döwlet syýasatymyzyň ileri tutulýan ugurlarynyň biridir. Milli bilim ulgamyny toplumlaýyn kämilleşdirmegiň çäginde eziz Diýarymyzda häzirki zaman kompýuterleri, okuw-tehniki enjamlary, interaktiw-multimediýa tehnologiýalary bilen üpjün edilen ähli görnüşdäki bilim edaralaryny, çagalar baglaryny, orta mekdepleri we döredijilik merkezlerini özünde jemleýän täze bilim toplumlarynyň giň gerim bilen gurulmagy dowam edýär. Ýurdumyzda bedenterbiýe we sport ulgamyny ösdürmek boýunça hem toplumlaýyn özgertmeler amala aşyrylýar.

**Ylym-bilim:** «Türkmenistanda sanly bilim ulgamyny ösdürmegiň Konsepsiýasy», «Türkmenistanda daşary ýurt dillerini okatmagy kämilleşdirmegiň Konsepsiýasy», «Türkmenistanda tebigy we takyk ylmy ugurlara degişli dersleri okatmagy kämilleşdirmegiň 2028-nji ýyla çenli Konsepsiýasy» we beýleki resminamalaryň kabul edilmegi bilimiň hil derejesini ýokarlandyrmaga gönüden-göni ýardam etdi. Bu bolsa ýaş nesillerimiziň intellektual aň-düşünjeleriniň ylmyň täze gazananlaryna laýyklykda kemala gelmeklerinde uly mümkinçilikleri döredýär. Şu ýylyň dowamynda türkmen ýaşlary, ýagny mekdep okuwçylary hem-de talyplar bilim ulgamynda dürli derejedäki halkara medallaryň ýüzlerçesine mynasyp boldular. Ýurdumyzda mekdep okuwçylarynyň we talyplaryň gatnaşmagynda ençeme halkara olimpidalar geçirildi. Ýurdumyzyň ýokary okuw mekdepleri bilen Gruziýanyň, Beýik Britaniýanyň, Ýaponiýanyň, Türkiýäniň, Germaniýanyň, Azerbaýjanyň, şeýle hem Russiýanyň hem-de Tatarystanyň ýokary okuw mekdepleriniň arasynda hyzmatdaşlyk ylalaşyklaryna gol çekildi.

**Sport:** Tamamlanyp barýan ýylda sportuň milli we guşakly alyş göreşi, küşt görnüşi boýunça 8, 10 we 12 ýaşly türgenleriň arasynda halkara ýaryşlar geçirildi. Ýurdumyzyň milli ýygyndy toparlarynyň agzalary halkara ýaryşlara gatnaşyp, ýokary netije gazandylar. Bu görkezijiler Watanymyzda bilime we sporta berilýän ünsüň netijesidir.

**Saglygy goraýyş:** Üstümizdäki ýylda Gahryman Arkadagymyzyň taýsyz tagallasy bilen işlenip düzülen «Saglyk» Döwlet maksatnamasyna laýyklykda netijeli işler dowam etdirilip, amaly lukmançylyga öňdebaryjy usullar ornaşdyryldy. Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasynyň serişdeleriniň hasabyna näsag çagalara operasiýalar, bejergiler amala aşyryldy. Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasynyň şahamçasynyň açylyş dabarasy boldy. Bu waka Türkmenistanyň ýokary ynsanperwerlik ýörelgelerine we ýaş nesliň abadançylygy baradaky alada üýtgewsiz ygrarlydygynyň aýdyň güwäsine öwrüldi. Saglygy goraýyş we derman senagaty ulgamynyň işgärleriniň hünär baýramy mynasybetli Aşgabat şäherinde saglyk öýi, Mary welaýatynda welaýat inçekesel hassahanasy açylyp ulanmaga berildi, paýtagtymyzda köpugurly hassahananyň, Tejen şäherinde etrabara köpugurly hassahananyň, Daşoguz şäherinde Enäniň we çaganyň saglygyny goraýyş merkeziniň düýbi tutuldy. «Saglygy goraýyş, bilim we sport Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe» atly halkara sergi we ylmy maslahat ýokary derejede geçirildi.

**Gülşirin ÇARYGULYÝEWA,**
*Myrat Garryýew adyndaky Türkmenistanyň Döwlet lukmançylyk uniwersitetiniň diller kafedrasynyň mugallymy.*

## Ýurdumyzyň durmuş syýasaty dabaralanýar

Başlangyjy 1-nji sahypada.
Munuň özi döwlet Baştutanymyzyň ilaty ýokary amatlykly ýaşaýyş jaýlary bilen üpjün etmek boýunça öňde goýan wezipeleriniň üstünlikli durmuşa geçirilýändiginiň aýdyň güwäsidir.

Ýurdumyzyň ähli sebitlerinde täze iş orunlaryny döretmek, ilatyň durmuş taýdan goraglylygyny üpjün etmek boýunça toplumlaýyn işler alnyp barylýar. Ýakynda kabul edilen «Türkmenistanyň zähmet bazaryny 2030-njy ýyla çenli ösdürmegiň Konsepsiýasy» hem hut şu maksatlara gönükdirilendir. Bu Konsepsiýanyň esasynda täze iş orunlary dörediler, ilatyň iş bilen üpjünçiligi has-da kämilleşdiriler. Konsepsiýanyň esasy wezipeleriniň biri halkara hyzmatdaşlygy pugtalandyrmakdan ybaratdyr. Bu baradaky gürrüňi dowam edip, Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda ýurdumyzyň daşary syýasatynda abraýly halkara guramalar, ilkinji nobatda, Birleşen Milletler Guramasy we onuň düzümine girýän edaralar bilen köptaraplaýyn hyzmatdaşlygy ösdürmäge aýratyn üns berilýändigini bellemek gerek. Şundan ugur alyp, Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministrligi BMG-niň Türkmenistandaky wekilhanasy, onuň düzümine girýän guramalar, şol sanda Halkara Zähmet Guramasy bilen zähmet we durmuş üpjünçiligi meseleleri boýunça ýakyndan aragatnaşyk saklaýar. Olar bilen bilelikde ýurdumyzda birnäçe taslamalar durmuşa geçirildi.

Milli kanunçylygymyza laýyklykda, döwletiň durmuş syýasaty birnäçe ugurlar boýunça durmuşa geçirilýär. Şol sanda raýatlaryň goldawa mätäç toparlarynyň maddy üpjünçiligi, durmuş goraglylygy boýunça alnyp barylýan işler olara pensiýalaryň, döwlet kömek pullarynyň tölenilmegi we durmuş ýeňillikleriniň berilmegi arkaly amala aşyrylýar. Tamamlanyp barýan ýylda diňe bir ähli pudaklar boýunça garaşylýan makroykdysady görkezijiler, önümçilik meýilnamalary däl, eýsem, durmuş syýasatynyň netijeli durmuşa geçirilmegi, ilatyň ýaşaýyş-durmuş şertleriniň mundan beýläk-de gowulandyrylmagy ugrunda hem giň gerimli işler alnyp baryldy.

**Ejegyz HAJYMYRADOWA,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň talyby.*

## «Hakyda göwheri» – doganlyk gatnaşyklarynyň gymmatly göwheri

Başlangyjy 1-nji sahypada.
Gahryman Arkadagymyzyň «Hakyda göwheri» atly kitabyndaky: «Dostluk, goňşuçylyk däp-dessurlary eziz Diýarymyzda dünýä döwletleri bilen hyzmatdaşlygy ýola goýmakda aýdyň ähmiýete eýedir» diýen sözlerinden ugur alsak, häzirki wagtda dünýä döwletleriniň özara bähbitli hyzmatdaşlygynyň pugtalanmagy, halklaryň dostana gatnaşyklarynyň berkemegi ugrunda ýurdumyzda köp işler bitirilýär.



Birek-birek bilen dostlukly gatnaşyklary saklamagyň we berkitmegiň möhüm ýoly dosta wepalylykdyr. Ynsan ogly gamgyn gününde, kyn ýagdaýa duçar bolanda çyn dosta mätäç bolýar, onuň göwünlik beriji sözlerine, hemaýatyna garaşýar. «Dost başyňa kyn iş düşende tanalar» diýlen aýtgy hem şu mazmuny özünde jemleýär. Kyn günde doganlyk goluny uzatmak we goldaw bermek döwletleriň arasynda dostlukly gatnaşyklary, hoşniýetli goňşuçylygy berkitmegiň binýady hökmünde Türkmenistanda asylly däbe öwrüldi. Aýdylanlardan ugur alsak, ýurdumyzyň alyp barýan daşary syýasaty, Bitaraplyk hukuk derejesi şeýle häsiýetli ynsanperwer gatnaşyklara ygrarlylygy bilen tapawutlanýar. Häzirki wagtda hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda Garaşsyz Watanymyzyň dünýä döwletleri bilen hoşniýetli goňşuçylyk, dost-doganlyk gatnaşyklary, oňyn Bitaraplyk ýörelgeleri esasynda halkara hyzmatdaşlygy netijeli ösdürilýär we goňşy ýurtlar, şeýle-de sebit döwletleri bilen özara gatnaşyklaryň işjeňleşdirilmegine aýratyn ähmiýet berilýär.

Ähli gymmatlyklaryň güýji ynsanperwerlik, adamkärçilik kadalarynda jemlenýär. Her bir kämil jemgyýetiň binýady şol kadalaryň esasynda pugtalanýar. Munuň şeýledigini türkmen halkynyň döwlet gurmak bilen bagly köpasyrlyk tejribesi görkezýär. Bu garaýyş Gahryman Arkadagymyzyň «Hakyda göwheri» atly ylmy-filosofik kitabynda öz beýanyny tapýar.

**Omar DURDYÝEW,**
*Türkmenistanyň Inžener-tehniki we ulag kommunikasiýalary institutynyň mugallymy.*

## Ulag-kommunikasiýa ulgamy ösdürilýär

Başlangyjy 1-nji sahypada.
Şu nukdaýnazardan, täze üstaşyr ulag merkezleriniň mümkinçilikleri örän uludyr. Olara ägirt giňişlikler, adam mümkinçilikleri çekilýär, düýpli maýa goýumlar goýulýar.

Demirgazyk – Günorta, Gündogar – Günbatar ugurlary boýunça hereket edýän halkara üstaşyr ulag geçelgelerini döretmek hakynda Türkmenistanyň, Eýranyň, Omanyň, Kataryň hem-de Özbegistanyň Hökümetleriniň arasynda baglaşylan Ylalaşyk (Aşgabat ylalaşygy), üstaşyr ulag hyzmatdaşlygy hakynda «Lapis Lazuli» Ylalaşygy, Gazagystan – Türkmenistan – Eýran demir ýol geçelgesi iň döwrebap ulag tehnologiýalaryny ornaşdyrmak babatda düýpli özgertmeleriň durmuşa geçirilýändigine şaýatlyk edýär. Beýik Ýüpek ýoluny gaýtadan dikeltmek we multimodal daşamalary döwrebaplaşdyrmak maksady bilen, Ýewropa – Kawkaz – Aziýa halkara ulag geçelgesiniň (TRACECA) çäklerinde-de özgertmeler amala aşyrylýar.

Ulag ulgamynda halkara guramalar bilen gatnaşyklary pugtalandyrmak häzirki döwrüň möhüm wezipeleriniň biri bolup durýar. Bu babatda ýurdumyz Halkara raýat awiasiýasy guramasy (ICAO), Howa ulagynyň halkara assosiasiýasy (IATA), Ýewropanyň uçuşlaryň howpsuzlygy boýunça agentligi (EASA), Halkara awtomobil ulaglary birleşigi (IRU), Demir ýollaryň hyzmatdaşlyk guramasy, Halkara Deňiz Guramasy ýaly düzümler bilen hyzmatdaşlyk edýär.

Ýokary tehnologiýaly optiki süýümli ulgamlaryň çekilmegi bilen, aragatnaşyk düzümleriniň sany yzygiderli artýar. Üstümizdäki ýylda Serhetabat – Hyrat ugry boýunça optiki süýümli aragatnaşyk ulgamynyň gurluşygy gyzgalaňly dowam edýär. Bu taslama üstaşyr aragatnaşyk akymlarynyň möçberini artdyrmaga, Owganystanyň we Pakistanyň çäginden Hindistana çenli optiki süýümli aragatnaşyk ulgamyny geçirmäge mümkinçilik berer. Abraýly halkara guramalar, şol sanda BMG-niň ýöriteleşdirilen edaralary bilen hyzmatdaşlyk işjeň ösdürilýär. «Türkmenistanda pudagara elektron maglumat alşygy ulgamynyň ornaşdyrylmagyna ýardam bermek hakynda» taslamanyň çäklerinde «X-Road» platformasyny ornaşdyrmak boýunça işler alnyp barylýar. Bu platforma döwlet edaralarynyň arasynda maglumatlary has çalt we ygtybarly alyşmaga ýardam berer.

Kibergiňişlikde sanly ulgamyň howpsuzlygyny pugtalandyrmakda hyzmatdaşlygy işjeňleşdirmek wajyp wezipeleriň bi-



ri bolup durýar. Şundan ugur alnyp, döwlet Baştutanymyzyň başlangyçlaryny durmuşa geçirmek maksady bilen, Türkmenistanyň dünýäniň tehnologiýa taýdan ösen ýurtlary bilen hyzmatdaşlygyny ýola goýmak we ösdürmek boýunça degişli işler alnyp barylýar. Hususan-da, ýurdumyzyň sanlylaşdyrmak boýunça kabul edilen Konwensiýalara goşulmagy bilen bagly zerur çäreleri görmek, milli kanunçylygy halkara resminamalara laýyklykda kämilleşdirmek meýilleşdirilýär.

**Çeper GYLYJOWA,**
*Türkmenistanyň Inžener-tehniki we ulag kommunikasiýalary institutynyň mugallymy.*



## Watanymyzyň sport abraýyny belende göteren halkara derejeli emin

Ýurdumyzyň sport abraýyny belende göteren halkara derejeli eminleriň biri hem Resul Mämmedowdyr. Ol eminlik etmegiň derejelerini ädimme-ädim geçip, halkara derejeli emin bolmagy başardy.

Ýetginjeklik ýyllarynda futbol oýnan R.Mämmedow soňlugy bilen eminlik edip başlaýar. Sebäbi onuň arzuwy futbol emini bolmakdy. Şonuň üçin hem 2012-nji ýylda eminlik edip başlap, şol ýyllarda çagalaryň arasyndaky duşuşyklarda kömekçi emin hökmünde çykyş edýär. 2014-nji ýylda bolsa Türkmenistanyň Ýokary ligasynyň duşuşyklarynda kömekçi emin bolup başlaýar, 2016-njy ýylda-da baş eminlige bellenilip ugraýar.

Onuň halkara abraýy 2020-nji ýylda tamamlan AFK-nyň akademiýasyndaky okuwy bilen has-da ýokarlanýar. R.Mämmedow 2022-nji ýylyň ahyrynda «Altyn Asyr» – «Aşgabat», «Merw» – «Energetik» duşuşyklarynda eminlik edip, bu oýunlara AFK-dan ýörite gözegçiler gelýär. Myhmanlar onuň eminlik edişine ýokary baha berýärler. Ol şondan soň AFK-nyň ýokary derejeli eminleriniň sanawyna alynýar. Türkmenistanly emin 2023-nji ýylda AFK Kubogy ýaryşynda ätiýaçdaky emin bolup çykyş edýär. Şu ýyl bolsa 20 ýaşa çenlileriň arasynda geçirilen Aziýa çempionatynda-da eminlik edýär.

Ýurdumyzyň sport abraýynyň ýokarlanmagy üçin uly goşant goşýan Türkmenistanyň Futbol federasiýasynyň hünärmeni Resul Mämmedowy «Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygynyň 30 ýyllygy» atly ýadygärlik kümüş nyşany bilen sylaglanmagy mynasybetli tüýs ýürekden gutlaýarys.

ZAMAN TÜRKMENISTAN

ESASLANDYRYJYSY –
«ZAMAN–TÜRKMENISTAN» HOJALYK JEMGYÝETI

Dekabr aýynyň 26-sy, 2025
Gazetiň möçberi 8 sahypa. A-117791
Belgisi: 52/1670
Tiražy: 8105
Bahasy: 4,50 manat

BAŞ REDAKTOR MYRATDURDY GARJANOW
JOGAPKÄR KÄTIP AMANMYRAT BAÝMYRADOW

BIZIŇ SALGYMYZ: Aşgabat şäheri, 1908 (Gündogar) köçesi, 10-A jaýy.
Tel/Faks: 28-14-05, 28-14-36
web sahypa: www.zamanturkmenistan.com.tm
e-poçta: info.zamanturkmenistan@gmail.com, zamanturkmenistan@sanly.tm

BELLIK: Redaksiýamyza gelen hatlar yzyna gaýtarylmaýar. Gazetimizde ýerleşdirilen mahabatlardaky ýazgylaryň mazmunyna mahabat beriji jogapkärdir. Gazet Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň Metbugat merkezinde ofset usulynda çap edildi. Çap edilişiniň hiline Metbugat merkezi jogap berýär. Telefony: 399536.

Abuna ýazylmak isleýänler üçin gazetiň indeksi: 69477

Gazetiň PDF nusgasyny QR kod arkaly elektron görnüşde okap bilersiňiz!

# Täze wezipä bellendi

**18-nji dekabrda BMG-niň Baş Assambleýasy Yragyň wekili Barham Ahmed Salehi BMG-niň Bosgunlar boýunça Ýokary komissary wezipesine saýlady. BMG-niň resmi web sahypasyndaky habara görä, ol 2026-njy ýylyň 1-nji ýanwaryndan başlap, BMG-niň Bosgunlar boýunça agentligine (UNHCR) 5 ýyl möhlet bilen ýolbaşçylyk eder. BMG-niň Baş sekretary Antoniu Guterriş bu karary makullady.**

**Saleh italiýaly Filippo Grandiniň ornuna geçer, BMG-niň Baş sekretary Grandä bosgunlary, göçürilen we raýatlygy bolmadyk adamlary goramak üçin liderligine we ýadawsyz tagallalaryna çuňňur hoşallyk bildirdi.**

**Täze Ýokary komissaryň 30 ýyldan gowrak döwlet gullugy boýunça tejribesi bar. Ol 2018-nji ýyldan 2022-nji ýyla çenli Yragyň Prezidenti, iki gezek Kürdüstanyň sebit hökümetiniň Premýer-ministri (2001–2004ý. we 2009–2012ý.) we 2004-nji ýyldan 2009-njy ýyla çenli Yragyň Premýer-mi-**



**nistriniň orunbasary, şol bir wagtyň özünde meýilnamalaşdyryş ministri wezipesinde işledi.**

**BMG-niň Baş sekretary Salehiň diplomatik, syýasy we administratiw ýolbaşçylyk babatda uly tejribesiniň bardygyny, şeýle hem adam hukuklaryna we ynsanperwerlik meselelerine düşünýändigini belledi.**




# ABŞ kosmosy özleşdirmekçi

**ABŞ-nyň Prezidenti Donald Tramp Amerikanyň kosmos üstünligini üpjün etmek baradaky karara gol çekdi. Resminama Ak Tamyň metbugat gullugy tarapyndan ýaýradyldy.**

**Resminamada amerikan astronawtlaryny 2028-nji ýyla çenli Aýa gondurmagyň we 2030-njy ýyla çenli Ýeriň hemrasynda hemişelik baza döretmegiň zerurdygy bellenilýär. Şeýle hem Prezident Trampyň administrasiýasy 2028-nji ýyla çenli ABŞ-nyň kosmos pudagyna 50 milliard amerikan dollary möçberinde maýa goýumyny çekmegi we 2030-njy ýyla çenli Halkara kosmos stansiýasynyň ornuny tutjak täjirçilik stansiýasyny gurmagy maksat edinýär.**

**Mundan başga-da, kararda Kosmos boýunça Milli geňeşiň ýatyrylmagy we onuň ygtyýarlyklarynyň Ylmy-tehniki syýasat boýunça edara geçirilmegi göz öňünde tutulýar.**

# 2025-nji ýylyň iň girdejili kompaniýalary

2025-nji ýyl üçin dünýäniň iň girdejili kompaniýalarynyň sanawy esasy girdeji çeşmeleriniň ozalkylar ýaly tehnologiýa, maliýe we energiýa pudaklarynda jemlenýändigini görkezýär. Bu infografika üçin maglumatlar «FinanceCharts» tarapyndan berilýär. Olar 2025-nji ýylyň noýabr aýyndaky ýagdaý boýunça kompaniýalaryň soňky 12 aýdaky sap girdejisini, şeýle hem bu netijeleriň esasyndaky girdejini görkezýär.

Geçen ýyllarda bolşy ýaly, tehnologiýa kompaniýalary reýtingde birinji orny eýeleýär. «Alphabet» 124,3 milliard amerikan dollary möçberindäki girdejisi bilen sanawyň başyny başlaýar. Ondan soňra «Apple» we «Microsoft» kompaniýalary gelýär. Bu kompaniýalaryň üstünligi, esasan, ýokary girdejili sanly hyzmatlar, mahabat platformalary we kärhana programma üpjünçiligi bilen baglanyşyklydyr.

«NVIDIA» kompaniýasy 53,7% girdeji gazanmagy bilen tapawutlanýar. Bu bolsa emeli aň çiplerine bolan islegiň yzygiderli artmagynyň hasabyna ýarymgeçirijiler senagatynyň ösýändigini görkezýär. Umumylykda, Amerikanyň iň uly tehnologiýa kompaniýalary her ýyl birnäçe ýüz milliard dollar gazanýarlar. Bu käbir ýurtlaryň ykdysadyýetiniň tutuş pudaklarynda gazanylýan girdejidenem köp.

«JPMorgan Chase», «Bank of America» we «Wells Fargo» kompaniýalary onlarça milliard amerikan dollarlyk sap girdeji gazanyp, ilkinji 50-likde orun alýar. Hytaý banklary – «ICBC», «China Construction Bank», «Agricultural Bank of China» we «Bank of China» hem öz gerimi we güýçli içerki ulgamlary bilen öňdäki orunlary eýeleýärler. «HSBC», «BNP Paribas» we «Santander» ýaly ýewropaly banklar maliýe ulgamynda dünýäniň iň girdejili banklar bolmagynda galýarlar.

«Saudi Aramco» energiýa bazarynyň durnuksyzlygyna garamazdan, 95,6 milliard amerikan dollary



möçberinde girdeji gazanyp, iň girdejili tehnologik däl kompaniýa bolmagynda galýar. Derman senagatynyň ägirtleri «Merck», «Eli Lilly» we «Novo Nordisk» gymmat terapewtik serişdeleriniň hem-de blokbaster portfelleriniň önümçiligi bilen ýokary girdeji gazanýarlar.

Şol bir wagtyň özünde, «Walmart», «Home Depot» we beýleki bölek söwda korporasiýalary öz iş modelleriniň maýa goýumlaryny köp talap edýändigi sebäpli örän pes girdeji görkezýärler. Şeýle-de bolsa, olaryň absolýut girdejisi bu kompaniýalary henizem global liderleriň arasynda goýýar.

# Ýewropa Komissiýasy kararyny üýtgetdi

Ýewropa Komissiýasy geljek 10 ýylyň dowamynda awtoulaglaryň has arassa hereketlendirijilerine geçmek meýilnamasynyň üýtgedilýändigini resmi taýdan mälim etdi. Ýewropa Komissiýasynyň web saýtynyň maglumatlaryna görä, Ýewropanyň awtoulag bazaryndaky öňdebaryjy öndürijileriň köp sanly çagyryşlaryndan soň, ÝB-niň häkimiýetleri ozal 2035-nji ýyla çenli çykarylmagy meýilleşdirilýän içinden otlanýan hereketlendirijili (ICE) täze awtoulaglary gadagan etmek meýilnamasyndan ýüz öwürdiler.

Ýewropa Komissiýasy 2035-nji ýyldan başlap awtoulag öndürijileriň howa goýberilýän zyýanly gazlary 90% azaltmak maksadyna ýetmeli boljakdygyny, zyýanly gazlaryň galan 10 göteriminiň Ýewropa Bileleşiginde öndürilen pes uglerodly polat ýa-da elektrik energiýasy we bioýangyç arkaly öwezini dolmalydygyny mälim edýär. Bu bolsa, doly elektrik (EV) we wodorodly ulaglardan başga-da, gibrid hem-de içinden otlanýan hereketlendirijili ulaglaryň 2035-nji ýyl-



dan soň hem öz ornuny eýelemegini dowam etdirmegine mümkinçilik berer.

ÝB-niň awtoulag senagaty üçin bu möhüm meseläniň täzeden gözden geçirilmegi eýýäm awtoulag öndürijiler tarapyndan makullandy. «Volkswagen»-iň wekilleri Ýewropa Komissiýasynyň kararyny gutlap, «Içinden otlanýan hereketlendirijili ulaglar üçin bazary açmak we şol bir wagtyň özünde zyýanly gazlaryň zyňyndylarynyň öwezini dolmak pragmatik çözgüt bolup durýar we bazar şertlerine laýyk gelýär» diýip bellediler.

Beýik Britaniýa 2030-njy ýyldan soň içinden otlanýan täze hereketlendirijili awtoulaglaryň satuwyny tapgyrlaýyn bes etmek meýilnamasyndan henizem ýüz öwürmeýär, ýöne bu bazara gatnaşyjylar häkimiýetleri sarp edijileri elektrik ulaglaryna geçmäge has işjeň höweslendirmäge çagyrýar. «Volvo» kompaniýasy bary-ýogy 10 ýylyň dowamynda elektrik modelleriniň giň görnüşini hödürlemegiň mümkindigini täze awtoulaglary arkaly subut etmäge synanyşýar. Elektrikleşdirmegiň tarapdarlary gysga möhletli bazar kynçylyklary sebäpli uzak möhletli maksatlaryň üstünden geçip bolmajakdygyny öňe sürýärler. Yzygiderli üýtgeýän düzgünler awtoulag kompaniýalary we maýadarlar üçin gymmada düşüp biler.

## DÜNÝÄ TÄZELIKLERI
### gysga setirlerde

**Günüň daşky çäkleriniň ilkinji kartasy.** Garward-Smitson astrofizika merkeziniň (ABŞ) astronomlary Günüň atmosferasynyň daşky çäkleriniň ilkinji iki ölçegli kartasyny döretdiler. Kartany döretmek üçin alymlar NASA-nyň



«Parker Solar Probe» kosmos zondy tarapyndan toplanan maglumatlary, şeýle hem uzakdan dolandyrmak usullaryny ulandylar. Bu iş ABŞ-nyň meşhur «The Astrophysical Journal Letters» ylmy žurnalynda çap edildi.

**Dünýäniň sport paýtagty.** Azerbaýjanyň paýtagty Baku 2026-njy ýylda resmi taýdan Dünýäniň sport paýtagty diýen ada eýe bolar. Azerbaýjanyň paýtagty bu ady geljek ýyl Monakodan alar. Bu karar hökümet ýolbaşçylarynyň we Ýewropanyň sport paý-



tagtlary hem-de şäherleri federasiýasynyň (ACES) wekilleriniň gatnaşmagynda geçirilen «Dünýäniň sport paýtagtlary» atly ýadygärlik tagtasyna resmi taýdan gol çekişlik dabarasynda mälim edildi.

## TARYHDA ŞU GÜN

**Fransuz fizigi Lui-Sebastýan Lenorman ýüz ýyldan gowrak wagt bäri belli bolan Faust Wrançiçiň oýlap tapan paraşýutyny has-da kämilleşdirdi. Ol 1783-nji ýylyň 26-njy dekabrynda Pariždäki bir binanyň üçeginden paraşýutda bökdi.**



**Böküş şowly bolansoň, ol üstünliginden ruhlanyp, Molpelýedäki obserwatoriýanyň diňinden ikinji gezek bökýär. Taryhda ilkinji paraşýutly uçuşy howa şarçysy Blanşar amala aşyrdy. Ol 1785-nji ýylyň 3-nji iýunynda howa şarynda göterilip, paraşýutdan bir iti oklaýar. It sag-aman ýere gonýar.**

# ZENANLARYŇ MÖHÜM OÝLAP TAPYŞLARY

**Häzirki wagtda biz internet ulgamy arkaly söwda edýäris, işe awtoulagly gatnaýarys we öýde tehnologik enjamlary ulanýarys. Taryha ser salanyňda, ylmy we tehnologik oýlap tapyşlarda zenanlaryň hem mynasyp paýy bar. Wi-Fi-den başlap, awtoulagyň aýna süpürgijine çenli möhüm zatlary zenanlar oýlap tapypdyr. Geliň, meşhur inžener zenanlar we olaryň oýlap tapan zatlary bilen tanyş bolalyň!**




**Wi-Fi.** Häzirki döwürde işjeň ulanylýan simsiz interneti – Wi-Fi tehnologiýasyny 1940-njy ýyllarda awstriýa-amerikan aktrisasy Hedi Lamarr işläp düzýär. Golliwudyň meşhur ýyldyzy hökmünde tanalýan Lamarr hem sungat işgäri, hem-de oýlap tapyjydyr. Ilkibaşda Wi-Fi harby aragatnaşyk üçin döredilýär. 1990-njy ýyllaryň başynda internetiň peýda bolmagy bilen, bu tehnologiýa has-da kämilleşdirilýär. 2000-nji ýyllarda smartfonlaryň we internete birigýän beýleki elektron enjamlaryň köpçülikleýin ulanylyşa goýberilmegi bilen bolsa, Wi-Fi-iň gerimi has-da giňeýär.



**Gap-gaç ýuwujy maşyn.** Oýlap tapyjy Jozefina Kokreýn her gezek el bilen gap-gaçlary ýuwanda, farfor jäçleriň döwülmeginden ýadaýar. Şeýlelikde, amerikaly zenan 1880-nji ýyllarda gap-gaç ýuwujy maşyny oýlap tapýar. Çalt we howpsuz çözgüt hasaplanýan bu oýlap tapyş häzirki zaman gap-gaç ýuwujy maşynlaryň esasyny goýýar. Aşhananyň aýrylmaz bölegine öwrülen bu enjam Demirgazyk Amerikada we Günbatar Ýewropada has köp ulanylýar.



**Awtomobiliň aýna süpürgiçleri.** Howanyň ýagynly we sowuk günlerinde awtoulagyň hereket etmegi üçin iň zerur bolan bu enjamy amerikaly zenan Meri Anderson oýlap tapýar. Meri Anderson 1903-nji ýylda ýönekeý gurluşa eýe bolan, awtomobiliň aýnasyny süpürmek üçin niýetlenen tutawaçly rezin çotgany işläp düzýär. Aýnanyň ýüzünde ikiýana hereket edýän bu enjam wagtyň geçmegi bilen awtoulagyň bir bölegine öwrülýär.



**Kewlar (ýuka örme tanap).** 1964-nji ýylda Stefani Kwolek gorag esbaby bolan sowutdan başlap, howa ulaglaryna we kosmos enjamlaryna çenli köp ýerde ulanylýan ýuka örme tanapy oýlap tapýar. 1970-nji ýylda köpçülikleýin önümçiligine başlanan kewlar polat ýüpden (tros) 5 esse berk hasaplanýar. Ýeňil we örän berk bolan bu material harby ulgamda we senagatda uly özgerişlik döredýär. Şeýlelikde, gorag başgaplarynda, awtoulagyň kemerinde we ýük uçarlarynda örme tanapdan peýdalanylyp başlanýar. Amerikaly himigiň sintetik süýümden taýýarlan ýuka örme tanapy daga dyrmaşyjylaryň hem iň ygtybarly ýüpi hasaplanýar.



**Kagyz torba.** Gündelik durmuşda giňden ulanylýan kagyz torbalary Margaret Eloiza Naýt oýlap tapýar. Aslynda, amerikaly zenan 1968-nji ýylda awtomat usulda kagyzdan halta tikýän maşyny işläp düzýär. Şeýlelikde, dörtburç kagyz haltajyklar söwda we nahar sargytlary üçin ulanylyp başlanýar. Margaret tikin maşynyna meňzeş kagyz torba öndürýän bu enjamdan başga-da, aýakgap enjamy, belgileýji maşyn we içinden otlanýan hereketlendiriji ýaly 27 sany oýlap tapyş üçin patent alýar.

# Dünýäniň iň garry jübütleri



Dünýäde nikalaşyp, häzirki wagta çenli bile ýaşaýan iň garry jübütler Laýl bilen Eleanor Gittensler hasaplanýar. Bu jübütleriň söýgi hekaýaty 1941-nji ýyldan – ABŞ-nyň Klark Atlanta kollejinde okap ýören döwürlerinde başlanýar. Şol ýyllar Laýl uniwersitetiň basketbol toparynda çykyş edýän eken. Eleanor bolsa söýýän ýigidiniň basketbol oýunlaryna höwes bilen tomaşa edipdir. Ýaş juwanlar 1942-nji ýylda nikalaşýarlar. Şu ýyl toý tutanlaryna 83 ýyl bolan Laýl bilen Eleanor umumy ýaşy 216-dan ýokary bolan dünýäniň iň uzak nikaly jübütleri rekordyny täzelediler. Ikinji Jahan urşy ýyllarynda durmuş guran jübütler uzak ýyllaryň dowamynda Nýu-Ýorkda ýaşap, üç çagany terbiýeläp ýetişdirdiler. Häzirki wagtda Maýamide ýaşaýan Gittensler uzak ömür sürmegiň we uzak nikaly bolmagyň syryny söýgi hem-de sabyrlylyk bilen baglanyşdyrýarlar. Häzirki wagtda Laýl 108, Eleanor bolsa 107 ýaşynda. Ginnesiň rekordlar kitabyna girizilen Gittensler biri-birine bolan söýgüsiniň we nikasynyň ömürlikdigini belleýärler.

### 1 asyrdan soň nikalaşdylar

Bu habary okanyňda, söýginiň ýaş saýlamaýandygyna ýene bir gezek göz ýetirýärsiň. Marjorie Fiterman bilen Bernie Littman dünýäniň iň garry nikalaşan jübütleri diýlip, Ginnesiň rekordlar kitabyna girizildi. Fiterman 102 we Littman 100 ýaşynda bolup, olar Filadelfiýadaky garrylar öýünde nikalaşdylar. 2024-nji ýylda toý tutan iň garry jübütleriň umumy ýaşy 200-den geçýär. Olar metbugata beren interwýusynda nikalaşmak we toý tutmak üçin hiç haçan giç däldigini, ýaşlyk ýyllarynda biri-birine duş gelmändiklerine garamazdan, garrylar öýünde 9 ýyllap halaşandan soňra, toý tutandyklaryny belleýärler. Zähmet rugsadyna çykýança Fiterman mugallym, Littman bolsa inženerçilik ugrunda zähmet çekipdir.



# Täze satyn alnan egin-eşigi ilki ýuwmalymy?

**Täze satyn alnan egin-eşigi ilki ýuwup, soňra geýmelidigi barada dürli pikirler bar. Bilermenleriň pikiriçe, mikroblar we bakteriýalar eginbaşda birnäçe günläp, hatda birnäçe hepdeläp ýaşap bilýär.**

**2020-nji ýylda geçirilen barlaglarda bakteriýalaryň we wiruslaryň matanyň käbir görnüşinde birnäçe hepdeläp ýaşaýandygy ýüze çykaryldy. Egin-eşik kärhanalarynda nah mata görä, sintetik matalar has köp ulanylýar. Sintetik matalar, esasan, nebit esasly himiki maddalardan, poliester we neýlon ýaly polimerlerden, sintezlenen himiki süýümden öndürilýär. Emeli matalaryň köpüsi azo-anilin (sintetik reňk beriji) boýaglary bilen reňklenýär. Boýalan matalardan bolsa, möwsüme görä dürli-dürli egin-eşikler tikilýär. Dükanlardan satyn alnyp, göni geýilýän egin-eşikler deride gijilewügiň döremegine sebäp bolýar. Aýratyn hem, galyň egin-eşikleri we gara jinsleri ýuwman geýmek deri üçin zyýanly hasaplanýar.**

**– Men, adatça, täze alan egin-eşigimi geýmezden öň ýuwýaryn. Bu önümçilikde ulanylýan gaýtadan işlenen himiki maddalary, artykmaç boýagy we tikilýän wagty degýän islendik hapany aýyrmaga mümkinçilik berýär. Dokma önümleri köp ýerden we birnäçe ýurtdan geçip, soňra elimize gelýär – diýip, dokma senagaty boýunça hünärmen we mugallym Franses Kozen belleýär.**

**Adatça, gyş eginbaşlary birnäçe aýlap tekjede durýar. Köpler howanyň sowamagy bilen, ýygnap goýan egin-eşigini tekjeden alýar-da, göni geýýär. Bilermenler köp wagt bäri ýygnalgy duran eginbaşlary ilki ýuwup, soňra geýmegi maslahat berýärler.**



Sahypany taýýarlan Ýegenmämmet TAÝLYÝEW.




**50-nji SKANWORD**

**Selim TOKGAÝEW,** *Türkmenistanyň Telekommunikasiýalar we informatika institutynyň talyby.*



● **KESELIGINE:** **1.** Senegalda bir köl. **4.** Saz çalnanda dutarda sag elde ýerine ýetirilýän tilsim. **8.** Rus futbol topary. **11.** Jogapkärli wezipäniň başynda duran adam. **12.** Gyz ady. **13.** Gyz dogan. **14.** Harydyň özüne düşýän gymmatyndan hem has aşak bahalar bilen satuwa çykarylmagy. **16.** Suwluk ýerlerde ösýän, düýbi garaja kösükli haşal ot. **18.** Germaniýanyň iň uly energiýa kompaniýasy. **19.** Saglyk we dynç alyş amallarynyň toplumy. **20.** Lukmançylyk enjamy. **22.** Atyň toýnagyna kakylýan demir halka. **24.** Miwe. **26.** Himiki element. **28.** Özüňden kiçi erkek dogan. **30.** Geljekki, soňky. **31.** Uzalyp ýatan adamyň aýak tarapy. **33.** Amerikan alymlary federasiýasy. **34.** Oglan ady. **35.** «Alym gül getirer, ... — bal» (nakyl). **37.** ...-kereşme. **40.** Asyl nusganyň grafiki taýdan örän takyk we doly nusgasy. **42.** «Howa» sözüniň iňlisçesi. **43.** Birsydyrgyn bolmadyk. **45.** Balygyň bir görnüşi. **47.** Dünýäde iň köp sarp edilýän gök önümleriň biri. **48.** «Hondo ...» ýapon skuteri. **49.** Usul, tär. **50.** Gürrüňsiz, ikuçsyz. **51.** San goşulmasy. **52.** «Oýun etse, ogly ýeňer, çynyrgatsa – ...» (nakyl). **53.** Welaýatyň ýa-da şäheriň kiçi administratiw dolandyryş bölegi.

**65-nji KROSSWORD**

● **DIKLIGINE:** **2.** Eýermek ýagdaýy. **3.** Sportuň bir görnüşi. **5.** Geometrik şekil. **6.** Käse. **7.** Beýiklige çykmak, beýiklikden düşmek üçin basgançakly enjam. **8.** Tire. **9.** Erkin, parahat. **10.** Mebelleriň we beýleki agaç önümleriniň ýüzüne owadan naguşlamak sungaty. **15.** Demriň okislenmegi netijesinde ýüzünde emele gelýän we iýlip gitmegine alyp barýan gyzylymtyl-goňur gatlak, zeň. **17.** Programma üpjünçiligi. **21.** ...-pikir. **23.** Şotlandiýada bir köl. **25.** At-abraýy ile dolan. **27.** Aýlaryň biri. **28.** Dermanlyk ösümlik. **29.** Patyşa. **32.** Gaýdym çalyşmasy. **33.** Ýewropada bir döwlet. **34.** Bezeg güli. **36.** Pakistanyň paýtagty. **38.** Açyk ýaşyl reňkli gymmat baha daş. **39.** Nota. **40.** IT ulgamlarynda prosesleri awtomatlaşdyrmaga kömek edýän güýçli gural. **41.** «Adam ... gyzyl gül» (nakyl). **42.** Türkiýäniň iň beýik nokady. **44.** Hemişe bolşy ýaly, köplenç. **46.** Britan aýdymçysy. **47.** Hytaý awtoulagy GWM ...

**63-nji krosswordyň jogaby:**




**64-nji krosswordyň jogaby:**




**Begsoltan TÄŞLIÝEWA,**
*S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň mugallymy.*

# Gardan we buzdan ýasalan SUNGAT ŞÄHERI

17-nji dekabrda Hytaýyň Harbin şäherinde dünýäniň iň uly gar we buz festiwaly açyldy. Ilkibaşda ýerli halkyň arasynda geçirilip başlanan hem bolsa, häzirki wagtda bu festiwal dünýäniň dürli künjeginden gelýän syýahatçylaryň uly gyzyklanma bildirmegi bilen halkara derejesinde geçirilýär. Festiwal Hytaýyň «Buz şäheri» hökmünde tanalýan, Sibire ýakyn sebiti bolan Harbin şäherinde ýaýbaňlandyrylýar. Dekabr aýynyň başyna Sungari derýasynyň doňmagy bilen Harbin şäherine 200 müň kub metrden gowrak buz gatlagy getirilýär. Bu ýerde müňlerçe heýkeltaraşyň zähmeti netijesinde 3-4 hepdäniň içinde «buz şäheri» peýda bolýar. Şäheriň arktiki howasy festiwala hödürlenilýän heýkelleriň uzak wagtlap eremän saklanmagyny üpjün edýär.



Harbin buz festiwalynyň çäginde Buz Disneýlendi, Gün adasy, Çžaolin seýilgähi ýaly meýdançalar bolup, esasan, körpe syýahatçylaryň ünsüni özüne çekýär. Mundan başgada, bu ýerde buzdan ýasalan piramidalary, Elzanyň buz köşgüni, buz basgançaklaryny we diwarlary, gar şalygyny synlamak bolýar. 300 metrlik buz slaýdy, konkili, lyžaly typmak, buz tigirini sürmek hem syýahatçylar üçin özboluşly başdan geçirmeler bolup durýar. Gün adasynda geçirilýän çäreler buz festiwalynyň esasy wakalarynyň biridir. Bu ýerde birnäçe kilometre uzaýan gara çekilen suratlar görkezilýär. Çžaolin seýilgähinde çagalary buz çyralary, jadyly şekiller bilen bir hatarda, eý görýän haýwanlarynyň 300-den gowrak heýkeli garşy alýar. Bu seýilgäh çagalaryň iň gyzykly meýdançalarynyň biri bolup, maşgalalaryň arasynda geçirilýän buz oýmak boýunça ýaryşlary hem synlap bilýärler. Festiwalyň dowamynda buz tanslaryny, palçy komediýasyny, buz akrobatikasyny, gyşky sport çykyşlaryny öz içine alýan «Harbin Show» geçirilýär. «Buz şäherini» gije synlanyňda, has-da owadan we jadylaýjy görünýär. Festiwalyň çäginde Sibir gaplaňlaryny hem-de Arktika jandarlaryny synlamaga mümkinçilik berýän awtoulagly gezelençler hem guralýar. Harbinde howanyň temperaturasy ortaça -10 derejede saklanýar.

Festiwal öz gözbaşyny 1963-nji ýylyň gyşynda geçirilen buz çyrasy sergisinden alyp gaýdýar. Ilkinji Harbin buz festiwaly 1985-nji ýylda Çžaolin seýilgähinde uly dabara bilen geçirilýär we her ýyl geçirilmeli çäre hökmünde yglan edilýär. 2001-nji ýylda Halkara lyža festiwaly bilen bilelikde Harbin buz festiwaly hem bellenilýär. 2025-2026-njy Harbin gar we buz festiwaly fewral aýynyň ortalaryna çenli dowam eder.

**Aýnagül BAÝRAMOWA,**
*Türkmenistanyň Telekommunikasiýalar we informatika institutynyň talyby.*

# 90 ýyldan soň täzeden tapyldy







Bir asyr töweregi wagtdan bäri ýitip giden jandar hasaplanylýan agaç kengurusy täzeden tapyldy. Ylmy dilde «dendrolagus mayri» diýlip atlandyrylýan Wondiwoý agaç kengurusy owadan gyzylymtyl sütügi bilen tapawutlanýar. Günbatar Papuanyň Wondiwoý daglaryndaky gür tokaýlarda gaýtadan peýda bolan bu jandar Awstraliýa kengurusyna meňzeýär. Agaçda ýaşaýan kenguru ilkinji gezek 1928-nji ýylda nemes-amerikan biology Ernst Maýr tarapyndan hasaba alynýar. 2018-nji ýylda iňlis ekspedisiýa topary Papua-Täze Gwineýanyň günbataryndaky tropik tokaýlarda gözleg işlerini amala aşyrdylar. Netijede bolsa, sarymtyl-gyzgylt kengurunyň agajyň üstündäki pursatlaryny surata düşürdiler.

Ýitirilip-tapylan agaç kengurusy gury ýer kengurusyndan has kiçi bolýar. Bu jandar ömrüniň köp bölegini agajyň üstünde geçirip, ter ýapraklar, agajyň gülleri we miweler bilen iýmitlenýär. Güýçli penjesi we ýiti dyrnaklary bolan bu jandar agaja hem-de gaýalara arkaýyn dyrmaşyp bilýär. 1500-1700 metr belentlikdäki bambuk tokaýlarynda ýaşaýan agaç kengurusynyň boýy 55-63 santimetre, guýrugynyň uzynlygy 65 santimetre ýetýär. Bu jandaryň guýrugynyň göwresinden uzyn bolmagy ýöne ýerden däl. Sebäbi gyzyl kenguru agaçlaryň üstünde deňagramlylygy saklamak we ýykylman durmak üçin guýrugyndan peýdalanýar. Agaç kengurusynyň döşüniň sargylt, arkasynyň gyzgylt sütükde bolmagy, olaryň ýyrtyjy jandarlardan goranmagyna ýardam edýär. Agramy 9-10 kilograma ýetýän agaç kengurulary şahadan-şaha 18 metr aralyga böküp bilýärler.

Wondiwoý agaç kengurusynyň sanynyň 50-den geçmeýär. Tebigaty goramagyň halkara bileleşigi (IUCN) tarapyndan ýitip gitmek howpy abanýan jandarlaryň hataryna girizilen gyzyl kenguru diňe Wondiwoý ýarym adasynda duş gelýär. Bütindünýä haýwanat dünýäsi gaznasynyň ýolbaşçylary (WWF) Indoneziýa, Papua- Täze Gwineýa we Awstraliýa sebitlerinde mundan beýläk-de kengurular bilen baglanyşykly ylmy barlaglaryň geçiriljekdigini belleýärler. Ýer ýüzünde agajyň üstünde ýaşaýan kengurularyň lýumholtsa, bennetta, çal agaç kenguru, Täze Gwineýa kengurusy, altynsow örtükli agaç kengurusy, dingiso, tenkile, aýy kenguru, seri, doria ýaly 14 görnüşi duş gelýär.

**Muhammetaly MUHAMMEDOW,**
*Daňatar Öwezow adyndaky Türkmen döwlet ýörite sazçylyk mekdebiniň talyby.*

## Tapmaça

● Eger kenguru bir gezekde 8,5 metr aralyga böküp bilýän bolsa, 34 kilometr aralygy geçmek üçin näçe gezek bökmeli bolar?




## Labirint



## Sanlary birleşdirip, şekili reňkläň!



## Şekilli sudoku

Şekiller öýjükleriň içine ýerleşdirilende dikligine we keseligine biri-birine gabat gelmeli däl. Ýagny bir şekil iki gezek gaýtalanmaly däl.



## 10 tapawudy tapyň!



## Gyzykly pursat



# «ARKADAG» TOPARY 1/8 FINALA ÇYKDY

Aziýa futbol konfederasiýasynyň klublaryň arasyndaky 2-nji derejeli ýaryşy bolan AFK Çempionlar Ligasy 2 bäsleşiginde ýurdumyzyň çempiony «Arkadag» topary uly başarnyk görkezdi. Toparçadaky iň soňky oýnunda «Arkadag» topary öz meýdançasynda Bahreýniň «Al-Haldiýa» toparyny kabul etdi. Çekeleşikli geçen duşuşykda «Arkadag» topary 1–0 hasabynda ýeňiş gazandy. Bu ýeke-täk goly 45-nji minutda Ýazgylyç Gurbanow öz adyna ýazdyrdy. Şunlukda, 6 oýnuň netijesinde utugyny 7-ä çykaran «Arkadag» topary toparçada 2-nji orna mynasyp boldy. Bu bolsa çempion toparyň indiki tapgyra çykandygyny aňladýar. Ýagny «Arkadag» topary AFK Çempionlar Ligasy 2 ýaryşynda 1/8 finala adyny ýazdyrdy.

«B» toparçada 10 utuk toplan Kataryň «Al-Ahli» topary 1-nji orna mynasyp boldy. «Al-Ahli» topary jemleýji duşuşygynda Özbegistanyň «Andijon» toparyny Wlapyň (26, 65) gollary esasynda 2–0 hasabynda ýeňlişe sezewar etdi.

Şeýlelikde, bu ýaryşda Günbatar sebiti boýunça «A» toparçadan «Al Wasl» (BAE) bilen «Esteglal» (Eýran), «B» toparçadan «Al-Ahli» (Katar) bilen «Arkadag» (Türkmenistan), «C» toparçadan «Al-Hussein» (Iordaniýa) bilen «Sepahan» (Eýran) hem-de «D» toparçadan «Al-Nassr» (Saud Arabystany) bilen «Al Zawraa» (Yrak) toparlary ýaryşy dowam etdirmäge hukuk gazandylar.

1/8 finalyň bijeleri 30-njy dekabrda, sişenbe güni çekiler. Ilkinji gezek bu ýaryşa gatnaşýan «Arkadag» toparynyň bijesine «Al Wasl», «Al-Hussein» hem-de «Al-Nassr» toparlarynyň haýsy hem bolsa biri çykar. Günbatar sebiti üçin 1/8 finalyň duşuşyklary 10–11-nji fewralda, jogap duşuşyklary bolsa 17–18-nji fewralda geçiriler.



## Kubok ýaryşynyň finalçylary belli boldy

**Türkmenistanyň Kubogy ýaryşynda finalçylar belli boldy. Ýarym finalyň jogap oýunlaryndan soň, «Arkadag» topary bilen «Ahal» topary finalda duşuşarlar.**

**Kubogyň häzirki eýesi «Arkadag» topary ýarym finalyň jogap duşuşygynda «Aşgabat» toparyndan 4–1 hasabynda üstün çykdy. Ýer eýelerine ýeňiş getiren gollary 21-nji we 86-njy minutlarda Didar Durdyýew, 45+1-nji minutda Ahmet Ataýew, 88-nji minutda Diýargylyç Orazow öz atlaryna ýazdyrdylar. «Aşgabat» toparynyň ýeke-täk goluny 37-nji minutda Mergen Nurlyýew derwezä girizdi. 1-nji oýunda «Arkadag» topary 3–1 hasabynda ýeňiş gazanypdy.**



**Myhmançylykda 2–1 hasabynda asgyn gelen «Ahal» topary öz meýdançasynda «Şagadam» toparynyň derwezesinden jogapsyz 2 gol geçirmegi başardy. Duşuşykda gollary Bagtyýar Gürgenow bilen Akmämmet Metdäýew geçirdi. Şunlukda, 2 oýnuň netijesi boýunça 3–2 hasabynda öňe saýlanan «Ahal» topary finala çykmagy başardy.**

**«Arkadag» bilen «Ahal» toparlarynyň arasyndaky final duşuşygy 27-nji dekabrda oýnalar.**

# FAWORITLER ÝEŇIŞ BILEN BAŞLADY

**Geçen hepdäniň ýekşenbe günde badalga alan 35-nji Afrika Milletler Kubogynda toparçalardaky 1-nji duşuşyklar tamamlandy. Toparçalaryň faworitleri 1-nji duşuşyklarynda üstün çykyp, ýaryşa ýeňiş bilen başladylar.**







**«A» toparçada** çempionatyň açylyş duşuşygynda ýer eýeleri Marokkonyň ýygyndysy Komor adalarynyň milli toparyndan 2–0 hasabynda üstün çykdy. Marokkonyň ýygyndysyna ýeňiş getiren gollary 55-nji minutda Brahim Diaz bilen 74-nji minutda Aýub El-Kaabi derwezä girizdi. Oýnuň 11-nji minutynda Sofian Rahimi 11 metrlik jerime urgusyndan ýerlikli peýdalanyp bilmedi. Toparçadaky beýleki duşuşykda Mali bilen Zambiýanyň ýygyndylary duşuşyp, oýunda ýeňiş gazanan bolmady. Duşuşyk 1–1 hasabynda deňlikde tamamlanyp, Zambiýanyň ýygyndysy 90-njy minutdan soň ýeňlişden halas boldy (Sinaýoko 61 — Patson Daka 90+2).

### Salah milli toparyna 90-njy minutdan soň ýeňiş getirdi

**«B» toparçada** 2 duşuşyk hem 2–1 hasabynda tamamlandy. Günorta Afrikanyň ýygyndysy Angolanyň ýygyndysyny Appollisiň 21-nji hem-de Laýl Fosteriň 79-njy minutdaky gollary esasynda ýeňiş gazandy. Angolalylaryň ýeke-täk goluny 35-nji minutda Şow geçirdi.

Edil şonuň ýaly, Müsüriň ýygyndysy hem Agadir şäherinde Zimbabweniň ýygyndysyny kynlyk bilen oýnuň soňky pursatlarynda geçiren goly esasynda ýeňmegi başardy. Duşuşykda zimbabweliler Prins Dýubeniň 20-nji minutdaky goly bilen öňe geçdi. Müsüriň ýygyndysy 2-nji ýarymda «Premier Ligada» oýnaýan ýyldyzlarynyň gollary bilen ýeňiş gazandy. Bu ýaryşyň iň köp çempionlyk gazanan toparyna ýeňiş getiren gollary 64-nji minutda Omar Marmuş bilen 90+1-nji minutda Mohamed Salah geçirdi.

**«C» toparçada** Nigeriýanyň ýygyndysy Marokkonyň Fes şäheriniň adybir stadionynda Tanzaniýanyň ýygyndysy bilen duşuşyp, 2–1 hasabynda ýeňiş gazandy. Ajaýi bilen Lukmanyň gollaryna garşy M'Mombwanyň geçiren ýeke-täk goly ýeňşe ýetmedi. Toparçadaky beýleki fawori̇t topar bolan Tunisiň ýygyndysy Ugandanyň milli toparyndan 3–1 hasabynda üstün çykdy. Duşuşykda ýeňiş gazanan toparyň gollaryny Shiri (10) bilen Açuri (40, 64) öz atlaryna ýazdyrdylar.

### Senegalyň Jeksony bar

**«D» toparçada** çempionlygyň dalaşgärleriniň hatarynda görkezilýän Senegalyň ýygyndysy Botswananyň milli toparynyň derwezesinden jogapsyz 3 gol geçirdi. Gollaryň 2-sini Nikolas Jekson, beýlekisini bolsa Ndiaýe tora girizdi. Ýarym asyrdan soň Dünýä Kubogyna gatnaşjak Kongo DR-niň ýygyndysy Rabatdaky «Al Medina» stadionynda Beniniň milli toparyny Teo Bongondanyň 16-njy minutda geçiren ýeke-täk goly esasynda utup, ýaryşa 3 utuk bilen başlady.

**«E» toparçada** Alžiriň ýygyndysyna Sudanyň milli toparyny ýeňmek kyn düşmedi. 3–0 hasabynda ýeňiş gazanan alžirlileriň adyndan Riýad Mahrez (2) bilen Ibrahim Maza tapawutlandy. Sudanyň ýygyndysynda 39-njy minutda Salah Adel gyzyl kart aldy. Toparçadaky beýleki oýun taryhy wakalara baý bolup, Burkina Fasonyň ýygyndysy Ekwator Gwineýasynyň milli toparyny taryhy kembek bilen 2–1 hasabynda ýeňdi. 85-nji minutda Ekwator Gwineýasy Aniebohyň goly bilen öňe geçdi. Ýöne Burkina Fasonyň milli topary 90-njy minutdan soň 2 gol geçirip, ýeňiş gazanmagy başardy. 50-nji minutdan soň 1 oýunçy kem oýnan Ekwator Gwineýasynyň derwezesinden ýeňiş gollaryny 90+5-nji minutda Miningou bilen 90+8-nji minutda Tapsoba geçirdi.



**«F» toparçadaky** 2 duşuşyk hem favoritleriň 1–0 hasabynda ýeňşi bilen tamamlandy. Soňky çempion Kot-d'Iwuaryň ýygyndysy Mozambigiň milli toparyny Amad Diallonyň (49), Kamerun bolsa Gabonyň ýygyndysyny Etta Eýongyň (6) ýeke-täk goly bilen utdy.

35-nji Afrika Milletler Kubogynda toparçalardaky duşuşyklar 31-nji dekabrda tamamlanar.

*Toparçalardaky 1-nji duşuşyklaryň netijeleri:*

**«A»: Marokko — Komor adalary: 2–0** (Brahim Diaz 55, El-Kaabi 74); **Mali — Zambiýa: 1–1** (Sinaýoko 61 — Patson Daka 90+2)

**«B»: Günorta Afrika — Angola: 2–1** (Appollis 21, Laýl Foster 79 — Şow 35); **Müsür — Zimbabwe: 2–1** (Marmuş 64, Salah 90+1 — Dýube 20)

**«C»: Nigeriýa — Tanzaniýa: 2–1** (Ajaýi 36, Lukman 52 — M'Mombwa 50); **Tunis — Uganda: 3–1** (Shiri 10, Açuri 40, 64 — Omedi 90+2)

**«D»: Kongo DR — Benin: 1–0** (Bongonda 16); **Senegal — Botswana: 3–0** (Jekson 40, 58, Ndiaýe 90)

**«E»: Burkina Faso — Ekwator Gwineýasy: 2–1** (Miningou 90+5, Tapsoba 90+8 — Anieboh 85); **Alžir — Sudan: 3–0** (Mahrez 2, 61, Maza 85)

**«F»: Kot-d'Iwuar — Mozambik: 1–0** (Amad Diallo 49); **Kamerun — Gabon: 1–0** (Etta Eýong 6)




## Hepdäniň esasy duşuşyklary

**26-njy dekabr (anna)**

- **M. Ýunaýted – Nýukasl (01:00)**

**27-nji dekabr (şenbe)**

- N. Forest – Man. Siti (17:30)
- **Arsenal – Braýton (20:00)**
- Liwerpul – Wulwerhempton (20:00)
- **Çelsi – Aston Willa (22:30)**
- Pisa – Ýuwentus (00:45)

**28-nji dekabr (ýekşenbe)**

- Milan – Werona (16:30)
- Kremoneze – Napoli (19:00)
- K. Palas – Tottenham (21:30)
- **Atalanta – Inter (00:45)**

**30-njy dekabr (sişenbe)**

- Çelsi – Bornmut (00:30)
- **Arsenal – Aston Willa (01:15)**
- M. Ýunaýted – Wulwerhempton (01:15)

**1-nji ýanwar (penşenbe)**

- **Liwerpul – Lids (22:30)**
- Brentford – Tottenham (01:00)
- **Sanderland – Man. Siti (01:00)**

## 3-nji Super Kubogyny gazandy

Italiýanyň Super Kubogy ýaryşynda «Napoli» topary ýeňiji boldy. Saud Arabystanynyň paýtagty Er-Riýad şäherinde geçirilen ýaryşyň finalynda çempion «Napoli» Italiýanyň Kubogynyň eýesi «Bolonýany» 2–0 hasabynda utdy. Neapollylara ýeňiş getiren gollaryň ikisini hem braziliýaly hüjümçi Dewid Neres geçirip, ol 39-njy we 57-nji minutlarda tapawutlandy. Şunlukda, «Napoli» topary 1991-nji we 2015-nji ýyllardan soň 3-nji gezek Italiýanyň Super Kubogyny gazanmagy başardy.



«Napoli» topary ýarym finalda «Milany» Dawid Neres (39) bilen Rasmus Hoýlunnyň (63) gollary esasynda 2–0, «Bolonýa» bolsa esasy wagty 1–1 (Orsolini 37 p — Turam 2) hasabynda deňlikde tamamlanan duşuşykda «Interi» 11 metrlik jerime urgularynyň netijesinde ýeňdi (3-2). Başgaça aýdylanda, Milan şäheriniň iki wekili hem bu gezek finala çykyp bilmediler. «Milan» bilen «Inter» mundan öňki ýaryşda finala çykypdy we şäheriň adybir topary köne bäsdeşini 3–2 hasabynda utupdy.

1988-nji ýyldan bäri geçirilip gelinýän Super Kubogy duşuşygynda iň köp ýeňiş gazanan topar «Ýuwentus» bolup, turinliler bu arzyly kubogy 9 gezek eýelediler. «Inter» bilen «Milan» 8, «Lasio» 5, «Roma» 2, «Sampdoriýa», «Fiorentina» hem-de «Parma» 1 gezek ýeňiş gazandy.

Aslynda, Super Kubogy duşuşygy her ýurduň çempiony bilen kubogyň ýeňijisiniň arasynda geçirilýär. Ýöne soňky ýyllarda Super Kubogy ýaryşynyň şowhunyny artdyrmak üçin, şol sanda has köp girdeji gazanmak maksady bilen 4 toparyň gatnaşýan bäsleşigine öwrüldi. Ýeri gelende bellesek, ýanwar aýynda 4 toparyň gatnaşmagynda Ispaniýanyň Super Kubogy ýaryşy hem geçiriler.

## Dünýä Kubogy 2026-nyň baýrak gaznasy mälim edildi

**FIFA geljek ýylyň tomsunda ABŞ-da, Meksikada we Kanadada geçiriljek 23-nji Dünýä Kubogynyň umumy baýrak gaznasyny, şol sanda toparlara paýlanjak pul mukdaryny mälim etdi.**




Umumylykda 727 million amerikan dollary möçberinde baýrak gaznasy bolup, bu Katar 2022 bilen deňeşdireniňde, 50 göterim köp diýmekdir.

Her topara gatnaşany üçin 1,5 million amerikan dollary berler.

### Çempionyň baýragy uly

Çempionlyk gazanan ýygyndy 50 million amerikan dollary möçberindäki pul baýragy bilen sylaglanar. Bu 2022-nji ýylda 42, 2018-nji ýylda 38 million amerikan dollaryna deňdi. Finalda utulan topar 33 million, 3-nji ýeri eýelän topar 29 million, 4-nji orunda tamamlan ýygyndy 27 million amerikan dollary möçberinde pul baýragyna mynasyp bolar. 5-8-nji orny eýelänler, ýagny çärýek finalda utulan ýygyndylara 19 million, 1/8 finaldan yzyna gaýdanlara 15 million amerikan dollary berler. Toparçalardan çykyp bilmedikler — umumy sanawda 17–32-nji orny eýelänler 11 million, 33–48-nji ýeri eýelänler bolsa 1,5 millionyň üstüne 9 million amerikan dollary pul baýragyny alarlar. Ýagny çempionata gatnaşan ýygyndylaryň ählisi azyndan 10,5 million amerikan dollary möçberindäki pul baýragy bilen yzyna dolanarlar.

Çempionat geljek ýylyň 11-nji iýuny — 19-njy iýuly aralygynda geçirilip, 48 ýygyndy 12 toparçada özara duşuşar.

## Ispaniýa bilen Argentina «Finalissima»-da duşuşar

«Finalissima», ýagny Ýewropanyň çempiony bilen Günorta Amerikanyň çempionynyň duşuşygy bolup, onuň nobatdakysynyň geçiriljek wagty resmi ýagdaýda mälim edildi. Geljek ýylyň 27-nji martynda Ýewropanyň çempiony Ispaniýa bilen Günorta Amerikanyň çempiony Argentina duşuşar. Duşuşyk Kataryň paýtagty Dohanyň golaýyndaky Lusail şäheriniň «Lusial Iconic» stadionynda oýnalar. Duşuşyk Aşgabat wagty bilen 23:00-da başlanar.




Bu stadionda 3 ýyl öň Dünýä Kubogynyň finalynda Argentina Fransiýany ýeňip, 3-nji çempionlygyny gazanypdy. Şonda kubok Messiniň ellerinde asmana göterilipdi. Ýöne bu gezekki «Finalissima»-da Lionel Messi çykyş etmejekdigini ozal habar beripdi.

«Finalissima» duşuşygy mundan öň 1 gezek geçirilip, 2022-nji ýylda Argentina Italiýanyň ýygyndysyny 3–0 hasabynda utupdy.

### PREMIER LEAGUE (17) — 24 gol

**Nýukasl—Çelsi: 2–2** (Woltemade 4, 20 — Jeýms 49, Žoao Pedro 66), **Bornmut—Börnli: 1–1** (Semenýo 67 — Broýa 90), **Braýton—Sanderland: 0–0, Wulwerhempton—Brentford: 0–2** (Lýuwis-Potter 63, 83), **Man. Siti—West Ham: 3–0** (Holann 5, 69, Reýnders 38), **Tottenham—Liwerpul: 1–2** (Rişarlison 83 – Isak 56, Ekitike 66), **Lids—K. Palas: 4–1** (Kalwert-Lýuwin 38, 45+4, Ampadu 60, Stah 90+11 — Dewenni 90+2 p), **Ewerton—Arsenal: 0–1** (Gýokereş 27 p), **Aston Willa—Man. Ýunaýted: 2–1** (Rojers 45, 58 — Mateus Kunýa 45+3), **Fulham—N. Forest: 1–0** (Himenes 45+5 p)

ANGLIÝANYŇ ÇEMPIONATY /PREMIER LEAGUE/

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | ARSENAL | 17 | 12 | 3 | 2 | 31-10 | 39 |
| 2 | MAN. SITI | 17 | 12 | 1 | 4 | 41-16 | 37 |
| 3 | ASTON WILLA | 17 | 11 | 3 | 3 | 27-18 | 36 |
| 4 | ÇELSI | 17 | 8 | 5 | 4 | 29-17 | 29 |
| 5 | LIWERPUL | 17 | 9 | 2 | 6 | 28-25 | 29 |
| 6 | SANDERLAND | 17 | 7 | 6 | 4 | 19-17 | 27 |
| 7 | M. ÝUNAÝTED | 17 | 7 | 5 | 5 | 31-28 | 26 |
| 8 | KRISTAL PALAS | 17 | 7 | 5 | 5 | 21-19 | 26 |
| 9 | BRAÝTON | 17 | 6 | 6 | 5 | 25-23 | 24 |
| 10 | EWERTON | 17 | 7 | 3 | 7 | 18-20 | 24 |
| 11 | NÝUKASL | 17 | 6 | 5 | 6 | 23-22 | 23 |
| 12 | BRENTFORD | 17 | 7 | 2 | 8 | 24-25 | 23 |
| 13 | FULHAM | 17 | 7 | 2 | 8 | 24-26 | 23 |
| 14 | TOTTENHAM | 17 | 6 | 4 | 7 | 26-23 | 22 |
| 15 | BORNMUT | 17 | 5 | 7 | 5 | 26-29 | 22 |
| 16 | LIDS | 17 | 5 | 4 | 8 | 24-31 | 19 |
| 17 | N. FOREST | 17 | 5 | 3 | 9 | 17-26 | 18 |
| 18 | WEST HAM | 17 | 3 | 4 | 10 | 19-35 | 13 |
| 19 | BÖRNLI | 17 | 3 | 2 | 12 | 19-34 | 11 |
| 20 | W. HEMPTON | 17 | 0 | 2 | 15 | 9-37 | 2 |

Iň köp pökgi geçirenler:

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Erling HOLANN (Mançester Siti) | 19 |
| 2 | Igor TIAGO (Brentford) | 11 |
| 3 | Antuan SEMENÝO (Bornmut) | 8 |
| 4 | Hugo EKITIKE (Liwerpul) | 8 |
| 5 | Danni WELBEK (Braýton) | 7 |

### LA LIGA (17) — 25 gol

**Walensiýa—Malýorka: 1–1** (Duro 52 — Samu Koşta 23), **Owieda—Selta: 0–0, Lewante—R. Sosiedad: 1–1** (De la Fuente 90+4 p — Kubo 45+1), **Osasuna—Alawes: 3–0** (Budimir 72, 82 p, Raul Garsiýa 90+3), **Real Madrid—Sewilýa: 2–0** (Bellingam 38, Mbappe 86 p), **Žirona—Atletiko: 0–3** (Koke 13, Gallaher 38, Grizmann 90+2), **Wilýarreal—Barselona: 0–2** (Rafinýa 12 p, Ýamal 63), **Elçe—R. Wallekano: 4–0** (Fort 6, Rodriges 67, Walera 70, Neto 90+1), **Betis—Hetafe: 4–0** (Ruibal 16, 49, Fornals 52, Kuço Hernandes 60), **Atletik—Espanýol: 1–2** (Berenger 38 — Romero 44, Miliýa 52)

ISPANIÝANYŇ ÇEMPIONATY /LA LIGA/

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | BARSELONA | 18 | 15 | 1 | 2 | 51-20 | 46 |
| 2 | REAL MADRID | 18 | 13 | 3 | 2 | 36-16 | 42 |
| 3 | ATLETIKO M | 18 | 11 | 4 | 3 | 33-16 | 37 |
| 4 | WILÝARREAL | 16 | 11 | 2 | 3 | 31-15 | 35 |
| 5 | ESPANÝOL | 17 | 10 | 3 | 4 | 22-17 | 33 |
| 6 | BETIS | 17 | 7 | 7 | 3 | 29-19 | 28 |
| 7 | SELTA | 17 | 5 | 8 | 4 | 20-19 | 23 |
| 8 | ATLETIK B | 18 | 7 | 2 | 9 | 16-24 | 23 |
| 9 | ELÇE | 17 | 5 | 7 | 5 | 23-20 | 22 |
| 10 | HETAFE | 17 | 6 | 2 | 9 | 13-22 | 20 |
| 11 | SEWILÝA | 17 | 6 | 2 | 9 | 24-26 | 20 |
| 12 | OSASUNA | 17 | 5 | 3 | 9 | 17-20 | 18 |
| 13 | MALÝORKA | 17 | 4 | 6 | 7 | 19-24 | 18 |
| 14 | ALAWES | 17 | 5 | 3 | 9 | 14-20 | 18 |
| 15 | R. WALLEKANO | 17 | 4 | 6 | 7 | 13-20 | 18 |
| 16 | R. SOSIEDAD | 17 | 4 | 5 | 8 | 21-25 | 17 |
| 17 | WALENSIÝA | 17 | 3 | 7 | 7 | 16-26 | 16 |
| 18 | ŽIRONA | 17 | 3 | 6 | 8 | 15-33 | 15 |
| 19 | OWIEDO | 17 | 2 | 5 | 10 | 7-26 | 11 |
| 20 | LEWANTE | 16 | 2 | 4 | 10 | 17-29 | 10 |

Iň köp pökgi geçirenler:

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Kilian MBAPPE (Real Madrid) | 18 |
| 2 | Ferran TORRES (Barselona) | 11 |
| 3 | Wedad MURIKI (Malýorka) | 9 |
| 4 | Robert LEWANDOWSKI (Barselona) | 8 |
| 5 | Hulian ALWARES (Atletiko) | 7 |

### BUNDESLIGA (15) — 20 gol

**Borussiýa D—Borussiýa M: 2–0** (Brandt 10, Baýer 90+7), **Ştutgart—Hoffenhaým: 0–0, Köln—Union Berlin: 0–1** (Şefer 90+1), **Hamburg—Aýntraht: 1–1** (Sambi Lokonga 19 — Larsson 26), **Wolfsburg—Fraýburg: 3–4** (Peýçinowiç 13, 49, 69 — Troý 5, Grifo 56 p, Seelt 71 ö.d., Şerhant 78), **Augsburg—Werder: 0–0, Leipsig—Baýer: 1–3** (Şlager 35 — Terrie 40, Şik 44, Kalbert 90+7), **Maýns—Sankt-Pauli: 0–0, Haýdenhaým—Bawariýa: 0–4** (Stanişiç 15, Olise 32, Diaz 86, Keýn 90+2)

GERMANIÝANYŇ ÇEMPIONATY /BUNDESLIGA/

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | BAWARIÝA | 15 | 13 | 2 | 0 | 55-11 | 41 |
| 2 | BORUSSIÝA D | 15 | 9 | 5 | 1 | 26-12 | 32 |
| 3 | BAÝER | 15 | 9 | 2 | 4 | 33-20 | 29 |
| 4 | LEIPSIG | 15 | 9 | 2 | 4 | 30-19 | 29 |
| 5 | HOFFENHAÝM | 15 | 8 | 3 | 4 | 29-20 | 27 |
| 6 | ŞTUTGART | 15 | 8 | 2 | 5 | 25-22 | 26 |
| 7 | AÝNTRAHT | 15 | 7 | 4 | 4 | 30-30 | 25 |
| 8 | UNION BERLIN | 15 | 6 | 3 | 6 | 20-23 | 21 |
| 9 | FRAÝBURG | 15 | 5 | 5 | 5 | 25-26 | 20 |
| 10 | WERDER | 15 | 4 | 5 | 6 | 18-28 | 17 |
| 11 | KÖLN | 15 | 4 | 4 | 7 | 22-24 | 16 |
| 12 | BORUSSIÝA M | 15 | 4 | 4 | 7 | 18-24 | 16 |
| 13 | HAMBURG | 15 | 4 | 4 | 7 | 16-25 | 16 |
| 14 | WOLFSBURG | 15 | 4 | 3 | 8 | 23-28 | 15 |
| 15 | AUGSBURG | 15 | 4 | 2 | 9 | 17-28 | 14 |
| 16 | SANKT-PAULI | 15 | 3 | 3 | 9 | 13-26 | 12 |
| 17 | HAÝDENHAÝM | 15 | 3 | 2 | 10 | 13-34 | 11 |
| 18 | MAÝNS | 15 | 1 | 5 | 9 | 13-26 | 8 |

Iň köp pökgi geçirenler:

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Harri KEÝN (Bawariýa) | 19 |
| 2 | Jonatan BURKARDT (Aýntraht) | 8 |
| 3 | Deniz UNDAW (Ştutgart) | 8 |
| 4 | Luiz DIAZ (Bawariýa) | 8 |
| 5 | Haris TABAKOWIÇ (Borussiýa M) | 7 |

## 111 ýyldan soň ilkinji gezek yzly-yzyna 10 ýeňiş

Angliýanyň çempionatynda öňdäki 3 toparyň arasynda liderlik göreşi ýokary depginde dowam edýär. Sanawyň lideri «Arsenal» myhmançylykda «Ewertondan» Gýokereşiň 27-nji minutda 11 metrlik jerime urgusyndan salan goly esasynda 1–0 hasabynda üstün çykdy. «Mançester Siti» öz meýdançasynda «West Hamyň» derwezesinden jogapsyz 3 gol girizip, oýunda Erling Holann (2) bilen Tijani Reýnders tapawutlandy. Tapgyryň merkezi oýnunda 3-nji ýerdäki «Aston Willa» topary «Mançester Ýunaýtedi» Morgan Rojersiň 45-nji we 58-nji minutlarda geçiren owadan gollary bilen 2–1 hasabynda ýeňlişe sezewar etdi. Myhmanlardan Mateus Kunýanyň goly ýeňşe ýetmedi. Şunlukda, «Aston Willa» topary bassyr 10 oýunda ýeňiş gazanyp, klubuň taryhynda şeýle statistika 1914-nji ýyldan bäri, ýagny 111 ýyldan soň ikinji gezek hasaba alyndy. Unaý Emeriniň tälim berýän kluby çempionatda-da 1990-njy ýyldan soň ilkinji gezek yzly-yzyna 7 oýunda ýeňiş gazanmagy başardy.



Kem-kemden özüni dürseýän «Liwerpul» topary myhmançylykda «Tottenhamy» täze transferleri Isak hem-de Ekitikeniň gollary bilen 2–1 hasabynda utdy. «Tottenhamdan» 3-nji minutda Simons, 90+3-nji minutda-da Romeronyň gyzyl kart alan duşuşygynda ýer eýeleriniň ýeke-täk goluny Rişarlison öz adyna ýazdyrdy. «Liwerpulda» Isak agyr şikes alyp, şwesiýaly hüjümçiniň birnäçe aý klubuna kömegi degmez.

«Nýukasl» bilen «Çelsiniň» arasyndaky oýunda ýeňiş gazanan bolmady. Woltemadeniň 1-nji ýarymda geçiren gollary bilen 2–0 hasabynda öňe saýlanan ýer eýelerine bu üstünligini saklamak başartmady. «Çelsini» ýeňlişden halas eden gollary Riis Jeýms bilen Žoao Pedro geçirdi.

### Keýniň taryhy statistikasy

● Germaniýanyň çempionatynda arakesmeden öň soňky tapgyrda sanawyň ýeňlişsiz lideri «Bawariýa» myhmançylykda «Haýdenhaýmy» 4–0 hasabynda ýeňdi. Her ýarymda 2 gol geçiren münhenlileriň adyndan Stanişiç (15) bilen Olise (32) hem-de Luiz Diaz (86) bilen Harri Keýn (90+2) tapawutlandy. Keýn «Bundesligada» 100 gola iň az duşuşykda goşant goşan futbolçy rekordynyň täze eýesi boldy. Ol 78 oýunda 81 gol, 19 asist etdi. Bu ugurda ozalky rekord 119 oýun bilen Arýen Robbene degişlidi.

Iki atdaş toparyň duşuşygynda «Borussiýa Dortmund» öz meýdançasynda «Borussiýa M» toparyny Brandt (10) hem-de Baýeriň (90+7) gollary bilen 2–0 hasabynda utdy. Öňdäki orunlar ugrunda göreş alyp barýan 2 toparyň duşuşygynda «Baýer» myhmançylykda «Leipsigi» garşydaşynyň öňe geçendigine garamazdan, 3–1 hasabynda ýeňlişe sezewar etdi. Lewerkuzenlilere ýeňiş getiren gollary Terrie, Şik hem-de Kalbert geçirdi. 7 goluň geçirilen oýnunda «Wolfsburg» öz meýdançasynda «Fraýburgdan» öňde barýarka, 4–3 hasabynda asgyn geldi. Ýer eýelerinden ýaş hüjümçi Peýçinowiçiň het-trigi ýeňşe ýetmedi.



### Mbappe Ronaldonyň rekordyny gaýtalady

● Ispaniýanyň çempionatynda sanawyň öňdebaryjylary ýylyň iň soňky duşuşygynda ýeňiş gazanmagy başardy. 1-nji basgançakda barýan «Barselona» myhmançylykda «Wilýarrealy» Rafinýa (12 p) hem-de Ýamalyň (63) gollary bilen 2–0 hasabynda ýeňlişe sezewar etdi. «Wilýarreal» toparyndan Renato Weýga 39-njy minutda gyzyl kart aldy. «Real Madrid» hem şol hasap bilen öz meýdançasynda «Sewilýany» ýeňdi. Oýunda madridlileriň gollaryny Bellingam (38) bilen Mbappe (86 p) geçirdi. Bu gol Mbappeniň 2025-nji ýyldaky «Realyň» köýnekçesi bilen 59-njy goly bolup, ol Kristiano Ronaldonyň rekordyny gaýtalady. Fransiýaly oýunçy umumylykda 2025-nji ýyly 65 gol bilen tamamlar. Duşuşykda «Sewilýa» soňky 22 minuty 1 oýunçy kem oýnady. Madridiň beýleki kluby «Atletiko» myhmançylykda «Žironany» Koke, Gallaher hem-de Grizmannyň gollary bilen 3–0 hasabynda utdy.



2026

# TÄZE ÝYLYŇYZ GUTLY BOLSUN!

TÜRKMEN ENJAM

**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWA**
**HORMATLY PREZIDENTIMIZ!**

Sizi Täze ýyl baýramy bilen tüýs ýürekden mähirli gutlaýarys.

**Hormatly Prezidentimiz!** Siziň baştutanlygyňyzda Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe bedew batly ösüşlere we ajaýyp wakalara beslenen Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynda Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistan döwletimizde yklymlary ösüşiň we parahatçylygyň aýdyň ýoly bilen jebisleşdirýän umumadamzat ähmiýetli beýik taslamalar amala aşyryldy. Ýurdumyzyň içeri we daşary syýasatynda amala aşyrylýan rowaç işler Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistan döwletimizi dünýäde ähli ugurlar boýunça sazlaşykly ösýän kuwwatly döwletleriň birine öwürdi.

**Hormatly Prezidentimiz!** Mähriban Watanymyzyň gülläp ösmegine, halkymyzyň bagtyýar ýaşaýşyny üpjün etmäge gönükdirilen çuňňur pähim-paýhasa, belent ynsanperwerlige ýugrulan, uzak geljegi nazarlaýan adyl syýasatyňyz eziz Diýarymyzy öňegidişlikleriň, ösüşleriň we rowaçlygyň Watanyna öwürdi. Siziň baştutanlygyňyzda asylly maksatlary nazarlaýan ägirt uly işler, ýurdumyzda höküm sürýän agzybirlik we jebislik Täze – 2026-njy ýylyň uly üstünliklere hem-de rowaçlyklara beslenjekdigine ynam we buýsanç duýgularyny döredýär.

**Hormatly Prezidentimiz!** Size berk jan saglyk, uzak ömür, ata Watanymyzyň gülläp ösmegi, halkymyzyň abadan we eşretli durmuşy, bagtyýar geljegi ugrunda alyp barýan tutumly işleriňizde üstünlik, egsilmez gujur-gaýrat hem-de rowaçlyk arzuw edýäris.

Täze ýylyňyz gutly bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**«TÜRKMEN ENJAM» hojalyk jemgyýetiniň işgärleriniň adyndan Hydyr GURBANOW.**

AJAÝYP BINA
HOJALYK JEMGYÝETI

**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWA**
**HORMATLY PREZIDENTIMIZ!**

Sizi we halkymyzy Täze – 2026-njy ýyl bilen ähli işgärlerimiziň adyndan tüýs ýüregimizden mähirli gutlaýarys.

Ykdysadyýetiň beýleki pudaklary bilen bir hatarda gurluşyk pudagynda ýetilýän sepgitler Siziň taýsyz tagallalaryňyzyň miwesidir. Siziň aladalaryňyzy her ädimde duýup ýaşaýan we işleýän gurluşyk pudagynyň işgärleri 2025-nji ýyly düşümli, bereketli ýyla öwürmek üçin elde baryny edip zähmet çekdiler. Dünýäniň müňýyllyklar bilen ölçenilýän taryhyna täze sahypa bolup girjek Täze – 2026-njy ýyl mähriban ýurdumyz we bagtyýar halkymyz üçin beýik ösüşleriň hem-de ruhy galkynyşyň ýyly bolsun.

**Arkadagly Gahryman Serdarymyz!** Şu şatlykly pursatdan peýdalanyp, Size berk jan saglyk we uzak ömür, il-ýurt bähbitli, döwlet ähmiýetli işleriňizde rowaçlyk arzuw edýäris.

Täze ýylyňyz gutly bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**«AJAÝYP BINA» hojalyk jemgyýetiniň ýolbaşçylary we işgärleri.**

«Garagum Ulag» H. J.

**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWA**
**HORMATLY PREZIDENTIMIZ!**

Täze ýyl baýramy bilen Sizi we halkymyzy tüýs ýürekden gutlaýarys.

**Arkadagly Gahryman Serdarymyz!** Siziň baştutanlygyňyzda Türkmenistanda asylly işler amala aşyrylýar. Siziň içeri we daşary syýasatyňyz bütin dünýäde goldanylýar. Ýurdumyz ähli ugurlar boýunça sazlaşykly ösýän kuwwatly döwletleriň hataryna goşuldy.

**Arkadagly Gahryman Serdarymyz!** Täze ýyl baýramy mynasybetli Size berk jan saglyk, uzak ömür, halkymyza bolsa abadançylyk arzuw edýäris!

Täze ýylyňyz gutly bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**«GARAGUM ULAG» hojalyk jemgyýetiniň ýolbaşçylary we işgärleri.**

**«TÜRKMENHIMIÝA» DÖWLET KONSERNINIŇ**

## «TÜRKMENTURBA» ZAWODY

**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI**
**SERDAR BERDIMUHAMEDOWA**
**HORMATLY PREZIDENTIMIZ!**

Sizi we halkymyzy Täze ýyl baýramy bilen tüýs ýüregimizden, mähirli gutlaýarys.

**Arkadagly Gahryman Serdarymyz!**

Geçip barýan 2025-nji ýyl Siziň baştutanlygyňyzda ösüşleriň ýyly bolup, döwletimize rysgal-bereket, agzybirlik, abadançylyk, rowaçlyk getirdi. Goý, Täze ýylymyzyň hem halkymyza serpaýy şundan pes bolmasyn! Her bir maşgalada bagtyýar çagajyklaryň gülküleri belentden ýaňlanyp dursun!

Täze ýylyňyz gutly bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**«TÜRKMENHIMIÝA» döwlet konserniniň «TÜRKMENTURBA» zawodynyň ýolbaşçylary we işgärleri.**

AGRİ

**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI**
**SERDAR BERDIMUHAMEDOWA**
**HORMATLY PREZIDENTIMIZ!**

Sizi we halkymyzy Täze ýyl baýramçylygy bilen tüýs ýürekden mähirli gutlaýarys.

Siziň döwlet baştutanlygyňyzda zähmetsöýer halkymyza Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwrüniň her bir gününi zähmet üstünliklerine beslemek miýesser etsin!

**Hormatly Prezidentimiz!**

Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistan döwletimiziň mundan beýläk hem gülläp ösmegi, halkymyzyň her gününiň bagtyýarlyga beslenmegi üçin edýän işleriňiz rowaçlyklara beslensin, janyňyz sag, ömrüňiz uzak bolsun!

Täze ýylyňyz gutly bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**«IPS AGRI» bilelikdäki kärhanasynyň ýolbaşçylary we işgärleri.**

# TÄZE ÝYLYŇYZ GUTLY BOLSUN!

2026

CNPC

**ПРЕЗИДЕНТУ ТУРКМЕНИСТАНА СЕРДАРУ БЕРДЫМУХАМЕДОВУ**
**ГЛУБОКОУВАЖАЕМЫЙ ПРЕЗИДЕНТ ТУРКМЕНИСТАНА!**

Сердечно поздравляем Вас с замечательным праздником – Новым годом!

Желаем, чтобы 2026 год для Вас был ознаменован ещё более масштабными успехами!

Прошедший год ознаменовался дальнейшим укреплением международного авторитета Туркменистана, поступательным развитием экономики и успешной реализацией масштабных национальных программ. Мы высоко ценим Ваше стратегическое видение, нацеленное на устойчивый прогресс, инновации и благополучие народа.

В наступающем году искренне желаем Вам крепкого здоровья, успехов в государственном управлении и новых свершений на благо Туркменистана. Пусть 2026 год принесёт стране мир, процветание и стабильность, а Ваши инициативы и впредь служат укреплению международного сотрудничества и взаимопонимания.

Выражаем надежду на дальнейшее развитие конструктивного партнёрства между Китайской Национальной Нефтегазовой Корпорации «Интернационал Лтд.» и Туркменистаном, расширение взаимовыгодных проектов и углубление многопланового взаимодействия.

Ещё раз от всего сердца поздравляем Вас с новогодним праздником!

И пусть 2026 год, благодаря Вашей дальновидной государственной политике, великой деятельности, признанной и поддержанной мировым сообществом, Вашим созидательным инициативам, станет годом благополучия и счастья, удач и больших успехов!

Желаем Вам, уважаемый Президент, доброго здоровья, долголетия, исполнения всех прекрасных желаний!

**С глубоким уважением,**

**Ду ЮЙМИН,**
**Генеральный директор филиала Китайской Национальной Нефтегазовой Корпорации «Интернационал Лтд.» (CNPC) в Туркменистане.**

## «DEŇIZ SÖWDA FLOTY» ÝAPYK GÖRNÜŞLI PAÝDARLAR JEMGYÝETI

**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWA**
**HORMATLY PREZIDENTIMIZ!**

Sizi we halkymyzy Täze – 2026-njy ýyl bilen ähli işgärlerimiziň adyndan tüýs ýüregimizden mähirli gutlaýarys.

**Hormatly Prezidentimiz!** Siziň aladalaryňyzy her ädimde duýup ýaşaýan we işleýän halkymyz 2025-nji ýyly düşümli, bereketli ýyla öwürmek üçin elde baryny edip zähmet çekdi. Dünýäniň müňýyllyklar bilen ölçenilýän taryhyna täze sahypa bolup girjek Täze – 2026-njy ýyl mähriban ýurdumyz we bagtyýar halkymyz üçin beýik ösüşleriň hem-de ruhy galkynyşyň ýyly bolsun.

**Hormatly Prezidentimiz!** Siziň baştutanlygyňyzda 2026-njy ýyl eziz Diýarymyz üçin rysgally-döwletli, bereketli, düşümli ýyllaryň biri bolsun! Täze ýylda ýurdumyz parahat bolup, Türkmenistanyň her bir raýatyna üstünligiň, halallygyň, zähmetsöýerligiň hemra bolmagyny arzuw edýäris! Täze ýyl her bir ojaga bagt we rowaçlyk getirsin, goý, her bir öý üstünliklere hem-de geljege bolan ynama beslensin!

**Hormatly Prezidentimiz!** Şu şatlykly pursatdan peýdalanyp, Size berk jan saglyk we uzak ömür, il-ýurt bähbitli, döwlet ähmiýetli işleriňizde rowaçlyk arzuw edýäris.

Täze ýylyňyz gutly bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**«DEŇIZ SÖWDA FLOTY» ýapyk görnüşli paýdarlar jemgyýetiniň ýolbaşçylary we işgärleri.**

HUAWEI

**ONUŇ ALYHEZRETI, TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI**
**SERDAR BERDIMUHAMEDOWA**

***Sizi ýetip gelen Täze ýyl baýramçylygy bilen gyzgyn gutlaýarys!***

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe uly üstünliklere beslenen 2025-nji ýyl tamamlanyp barýar. Türkmenistany ösüşleriň täze belentliklerine alyp barjak 2026-njy ýyly bolsa ýagşy umyt-arzuwlar bilen garşylarys.

Goý, Täze ýyl Türkmenistan üçin üstünlikli, Türkmenistanyň halky we her bir maşgala ojagy üçin rysgal-döwletli, bereketli hem-de düşümli ýyl bolsun!

Sizi ýene-de bir gezek ýetip gelen Täze – 2026-njy ýyl bilen tüýs ýürekden gutlaýarys! Size berk jan saglyk, Türkmenistanyň halkynyň abadançylygynyň we bagtyýarlygynyň, tutuş adamzadyň durnukly ösmeginiň bähbidine alyp barýan tutumly işleriňizde uly üstünlikleri arzuw edýäris!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**«HUAWEI TECH. INVESTMENT CO., LTD» kompaniýasynyň Türkmenistandaky wekilligi.**

**ЕГО ПРЕВОСХОДИТЕЛЬСТВУ, ПРЕЗИДЕНТУ ТУРКМЕНИСТАНА**
**СЕРДАРУ БЕРДЫМУХАМЕДОВУ**

***Горячо поздравляем Вас с наступающим Новым годом!***

Завершается 2025 год, ознаменованный великими свершениями в эру Возрождения новой эпохи могущественного государства. Мы с добрыми пожеланиями и надеждами встретим 2026 год, в котором Туркменистан выйдет на новые высоты развития.

Пусть Новый год будет для Туркменистана успешным, а для народа и каждого семейного очага – щедрым, изобильным и благодатным!

Еще раз сердечно поздравляем Вас с Новым, 2026 годом! Желаем Вам крепкого здоровья, долгой и счастливой жизни, новых больших успехов в Вашей благородной деятельности во имя благополучия и счастья туркменского народа, устойчивого развития всего человечества!

**С глубоким уважением,**

**Представительство компании «HUAWEI TECH. INVESTMENT CO., LTD» в Туркменистане.**

## «BALKAN» GÄMI GURLUŞYK WE ABATLAÝYŞ ZAWODY» AGPJ

**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWA**
**HORMATLY PREZIDENTIMIZ!**

Sizi we halkymyzy ýetip gelen Täze ýyl baýramçylygy bilen mähirli gutlaýarys. Täze ýylymyz Size we halkymyza bagt getirsin, halkymyzy bagtly durmuşa we abadançylyga alyp barýan döwletli işleriňizde uly rowaçlyklar ýar bolsun!

**Hormatly Prezidentimiz!**

Siziň baştutanlygyňyzda halkymyz Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe Täze – 2026-njy ýyly uly ruhubelentlik bilen garşylaýar. Tamamlanyp barýan 2025-nji ýyl döwletimiz üçin bagtyýar ýyllaryň biri boldy, ähli pudaklarda ýurdumyz uly ösüşler gazanyp, dünýädäki at-abraýyny has-da berkitdi.

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe halkymyzyň ruhy has-da belende galýar. Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistan döwletimiziň mundan beýläk hem gülläp ösmegi, halkymyzyň her gününiň bagtyýarlyga beslenmegi üçin edýän tagallalaryňyzyň amala aşmagyny arzuw edýäris, janyňyz sag, ömrüňiz uzak, işleriňiz rowaç bolsun!

Täze ýylyňyz gutly bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**«BALKAN» gämi gurluşyk we abatlaýyş zawody» AGPJ-niň ýolbaşçylary we işgärleri.**

# TÄZE ÝYLYŇYZ GUTLY BOLSUN!

## ONUŇ ALYHEZRETI, TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWA

PETRONAS

**Çuňňur hormatlanylýan jenap Prezident!**
Siziň Alyhezretiňizi we ähli türkmen halkyny Täze – 2026-njy ýyl bilen tüýs ýürekden gutlaýarys!
Size we Türkmenistanyň ähli halkyna täze ýylda berk jan saglygyny, maşgala abadançylygyny, üstünlik, döredijilikli özgerişi we gülläp ösmegi arzuw edýäris. Täze ýylda biziň hyzmatdaşlygymyzyň mundan beýläk hem pugtalanjakdygyna umyt edýäris.
**Täze ýyl baýramyňyz gutly bolsun!**

**Sizi çuňňur hormatlamak bilen,**

**«PETRONAS Carigali (Turkmenistan) Sdn Bhd» kompaniýasy**

## TO HIS EXCELLENCY, PRESIDENT OF TURKMENISTAN SERDAR BERDIMUHAMEDOW

**Your Excellency, Mr. President!**
We sincerely congratulate Your Excellency and all Turkmen people on the New Year 2026!
We wish you and all the people of Turkmenistan strong health, family well-being, success, creative prosperity, and flourishing development in the New Year. We look forward to strengthening our cooperation in the coming year.
**Happy New Year!**

**With deep respect,**

**PETRONAS Carigali (Turkmenistan) Sdn Bhd**

## «TÜRKMEN GURLUŞYK TEHNIKA SERWIS» H.J. «MERCEDES-BENZ» TÜRKMENISTANDAKY RESMI DILERI

**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWA HORMATLY PREZIDENTIMIZ!**

Halkymyz Täze – 2026-njy ýyly uly zähmet ýeňişleri bilen garşylaýar. Täze ýyl baýramy bilen Sizi we halkymyzy gyzgyn gutlaýarys.

**Hormatly Prezidentimiz!** Siz halkymyzy Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ösüşiň täze belentliklerine tarap ynamly öňe alyp barýarsyňyz. Halkymyzyň eşretli durmuşda bolelin ýaşamagy üçin uly işleri amala aşyrýarsyňyz. Halkymyz bolsa barha ynamly öňe barýan ata Watanymyzyň ýokary depgindäki ösüşine guwanyp-buýsanyp, Size çäksiz alkyşlaryny aýdýar.

**Belent mertebeli Prezidentimiz!** Halkymyzyň röwşen geljeginiň hatyrasyna başyňyzyň dik, janyňyzyň sag, ömrüňiziň uzak bolmagyny arzuw edýäris. Garaşsyz Türkmenistanyň mundan beýläk-de gülläp ösmegi, her bir raýatyň bagtyýar, her bir maşgalanyň bolelin durmuşda ýaşamagy ugrunda alyp barýan tutumly işleriňiz elmydama rowaçlyklara beslensin!

Goý, Täze – 2026-njy ýyl düşümli, rysgal-bereketli ýyllaryň biri bolsun!

Täze ýylyňyz gutly bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**«TÜRKMEN GURLUŞYK TEHNIKA SERWIS» H.J.**
**«MERCEDES-BENZ» TÜRKMENISTANDAKY RESMI DILERI**

## «MERTLIK RUHY» H.J. «HYUNDAI» TÜRKMENISTANDAKY RESMI DISTRIBÝUTORY

**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWA HORMATLY PREZIDENTIMIZ!**

Täze ýyl baýramy bilen Sizi we halkymyzy tüýs ýürekden gyzgyn gutlaýarys.

Türkmenistanyň halky Täze – 2026-njy ýyly uly zähmet ýeňişleri bilen garşylaýar. Tamamlanyp barýan 2025-nji ýylyň her bir güni taryhy üstünliklere beslenip, Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistany täze ösüş derejelerine çykaryp, halkara giňişligindäki ornuny has-da berkitdi.

**Hormatly Prezidentimiz!** Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe halkymyzy eşretli durmuşda ýaşatmak üçin alyp barýan täze başlangyçlaryňyz rowaç alsyn!

**Belent mertebeli Prezidentimiz!** Siziň baştutanlygyňyzda alnyp barylýan we üstünlikli durmuşa geçirilýän giň gerimli tutumlaryňyzyň netijesinde, bu günki gün Türkmenistany bütin dünýä tanaýar, halkyň ýaşaýyş-durmuş derejesi has-da ýokarlanýar.

**Hormatly Prezidentimiz!** Halkymyzyň bagtly ýaşaýşynyň, röwşen geljeginiň, eşretli durmuşynyň hatyrasyna alyp barýan işleriňiziň amala aşmagyny arzuw edýäris. Janyňyz sag, ömrüňiz uzak, ilýurt bähbitli alyp barýan tutumly işleriňiz rowaç bolsun!

Täze ýylyňyz gutly bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

MERTLIK RUHY | HYUNDAI

**«MERTLIK RUHY» H.J.**
**«HYUNDAI» Türkmenistandaky Resmi distribýutory**